**K. Ataýew**

# OGUZ DESSANLARY

Orta we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 894. 361
A 80

**Ataýew K.**

A 80 **Oguz dessanlary.** Orta we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Okuw gollanmasynda türkmen edebiýatynyň gadymy döwrüne degişli oguz dessanlary derňelýär hem-de ol eserlerden biziň döwrümize gelip ýeten edebi nusgalaryň tekstleri berilýär.

Kitap orta hem ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna, talyplaryna, aspirantlara hem-de okyjylar köpçüligine niýetlenýär.

TDKP № 244, 2013 KBK 84 Tur 1

© K. Ataýew, 2013.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## SÖZBAŞY

Türkmen halkynyň gadymy döwürlerden gözbaş alyp gaýdýan baý edebi mirasy bar. Türkmenistan Garaşsyzlyga, hemişelik Bitaraplyga eýe bolandan soňra, ata-babalarymyzyň uzak asyrlaryň dowamynda döreden edebi, medeni mirasyny düýpli öwrenmäge giň ýol açyldy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow edebi mirasyň häzirki zaman ähmiýetine ýokary baha berip, ony ylmy esasda öwrenmegiň hem-de halka ýetirmegiň anyk ýoluny salgy berdi:

«Biziň bilime, ylma aýratyn hormat goýýan halkymyz bar. Türkmen Oguz han döwründen bäri kitaby iň ýokary ruhy gymmatlyk, mukaddeslik saýypdyr. Geçmişde hojalygyny dolandyran ýalňyz düýesini kitaba çalşyp bilen türkmeniň oňa goýan sarpasyny göz öňüne getirmek kyn bolmasa gerek.

Nusgawy şahyrlarymyzyň baý mirasyny öwrenip, ylmy taýdan seljermek we asyl nusgasyny halka ýetirmek, türkmen halkynyň taryhy, medeni mirasy boýunça ylmy barlaglary alyp barmak öňde duran möhüm meseleleriň biridir».

Türkmen edebiýatynyň gadymy döwri bolan Oguz han eýýamynyň edebiýatyny öwrenmekde edilmeli işler az däl. Sebäbi bu döwrüň edebiýatyna degişli maglumatlar, ýazuw ýadygärlikleri az saklanyp galypdyr. Hatda meşhur «Gorkut ata» eposy-da biziň günlerimize doly gelip ýetmändir. Her halda bu eposa hem-de oguznamalardyr beýleki oguz dessanlaryna, halk döredijiliginiň dürli görnüşlerine degişli degerli maglumatlar dürli ýazuw çeşmelerinde duş gelýär. Olar ýaşlara döwrebap ylym, edep-terbiýe bermekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Türkmen halkynyň edebi mirasynda dessançylyk uly orun tutýar. Ol iň gadymy döwürlerden şu güne çenli dowam edip gelipdir. Des-

sanlary ozanlar, aşyklar, dessançylar halk arasynda ýörgünli aýdyp gelipdirler. Şeýlelikde, türkmen dessanlary ýat tutmak, aýdym edip aýtmak arkaly halk arasynda ýaýrapdyr. Dogry, belli-belli döwürlerde olar ýazga-da geçirilipdir. Ýöne ençeme müňýyllyklaryň geçip, irki döwürlerde birnäçe elipbiýleriň ulanylandygy, uly medeni merkezleriň synyp, ýüzlerçe kitaphanalardyr golýazmalar hazynalarynyň saklanyp galmanlygy sebäpli, dessanlaryň gadym ýazuw nusgalary bütewi görnüşde biziň günlerimize gelip ýetmändir. Soňky müňýyllykda ýazylan belli-belli işlerde gadym oguz dessanlaryndan bölekler berlipdir, şeýle hem olaryň käbirleriniň gysga görnüşdäki many-mazmuny beýan edilipdir.

Gadymy «Oguznamalardyr» oguz dessanlarynyň özboluşly aýratynlyklary bar. «Oguznamalarda», köplenç, Oguz hanyň şejeresi (nesil daragty), oguz taryhy, şeýle hem çeper döredijiligi teswirlenip, olar ýarym ylmy, ýarym çeper görnüşde beýan edilipdir. «Oguznamalar» dürli döwürlerde dürli alymlaryň, taryhçylaryň ünsüni özüne çekip gelipdir. Olardan Fazlallah Reşideddiniň «Jamyg at-towaryh», Salar Babanyň «Taryh», Abulgazy Bahadur hanyň «Şejereýi-teräkime» atly eserlerini we beýlekileri görkezmek bolar.

Oguz dessanlarynda ýagdaý başgaçarak. Olarda uzak döwrüň dowamynda bolup geçen wakalar ýa-da belli-belli taryhy şahslaryň ömür beýanyna dahylly maglumatlar umumylaşdyrylan halda çeper beýan edilýär. Oguz hanyň nesil ýaýrawydyr taryhyna degişli maglumatlar oňa giňişleýin girizilmeýär.

Oguz dessanlarynyň asyl durky, beýan ediliş usullary olaryň ilki döredilende epos häsiýetine eýe bolandygyny habar berýär. Sebäbi epos görnüşinde ýazylan eserlerde umumylaşdyrma güýçli bolýar. Muňa türkmen halkynyň «Gorkut ata», «Görogly» ýaly eposlarynda has-da aýdyň göz ýetirmek bolýar. Bu eposlarda halkyň ençeme asyrlaryň dowamynda Watanyň erkinligi, özbaşdaklygy ugrunda alyp baran göreşleri çeper söz sungaty arkaly teswirlenip, dogduk diýara, ene topraga, il-güne, dost-doganlyga, parahatçylyga, ahlak päkligine bolan mähirli söýgi, gahrymançylyk, batyrlyk, gaýduwsyzlyk, edermenlik, agzybirlik, dana pähim-paýhas wasp edilýär. Alymlaryň

takyklamalaryna görä, «Gorkut ata» eposy yslamdan öňki, «Görogly» eposy bolsa yslamyň Orta Aziýada kabul edilenden soňky bäş-alty asyryň wakalaryny öz içine alýar. Oguz dessanlarynyň beýlekileriniň hem ählisine şeýle ýagdaý mahsus. Olaryň her biri ençeme asyrlaryň wakalarynyň çeper beýany bolup durýar.

Oguz dessanlarynyň köpüsi miladydan öňki döwre degişli bolup, olaryň hiç biri-de özüniň asyl durkuny saklap bilmändir. Olaryň köpüsiniň umumy many-mazmuny bölek-büçek görnüşde belli-belli gadymy golýazmalar, taryhy, edebi çeşmeler arkaly biziň günlerimize gelip ýetipdir. Bu ýagdaý ol eserleriň umumy durkuny dikeltmekde uly kynçylyklar döredýär. Her halda «Oguz han», «Ergenekon», «Bozgurt», «Alp Är Töňňe», «Tumar şa», «Şu», «Göç» we beýleki oguz dessanlarynyň many-mazmun yzygiderligi, gahrymanlary bilen tanyşmaga, olaryň tutuş durkuny göz öňüne getirmäge mümkünçilikler berýär. «Oguz han» iň irki oguz dessany hasaplansa, «Ergenekonda» dört müň ýyl, «Alp Är Töňňede» iki müň ýedi ýüz ýyl, «Tumar şada» iki ýarym müň ýyl öňki döwürde bolup geçen wakalaryň beýan edilýändigini habar berýän maglumatlar az däl. Olardan otparazlaryň «Awesta» atly kitabyny, Gerodotyň «Taryhyny», Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat it-türk» atly sözlügini, Ýusup Balasagunlynyň «Gut etgu bilig», Abulkasym Firdöwsiniň meşhur «Şanama» eserini we beýlekileri görkezmek bolar.

Dessandyr eposlar her bir halkyň ruhy baýlygy, medeni hazynasy hasaplanýar. Olarda halkyň taryhyna, diline, edebiýatyna, etnografiýasyna, milli däp-dessurlaryna degişli gymmatly maglumatlar jemlenýär. Şol ruhy baýlyk, medeni hazyna ýaş nesilleri watansöýüjilik, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde, olara döwrebap edep-terbiýe bermekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Okuw gollanmasy taýýarlananda, her oguz dessanynyň öňünden degerli düşündirişler berip, soňra olaryň tekstlerini ýerleşdirmegi, şeýle hem gadym ýazuw ýadygärliklerinden alnan sözlemlerdir şygyr setirlerini häzirki zaman türkmen diline geçirmegi makul bildik.

Kitap orta, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna, talyplaryna, aspirantlara hem-de gadymy türkmen edebiýatynyň taryhy bilen gyzyklanýan okyjylara niýetlenýär.

## TÜRKMENIŇ NESILBAŞYSY

Oguz han Türkmen özüniň dana pähim-paýhaslary, sagdyn oý-pikirleri bilen il-günüň ruhy dünýäsini ösdürip, baýlaşdyryp, gözelleşdirip gelipdir. Ol ruhy baýlyk döwürleriň uly synaglaryndan geçip, milli buýsanç görnüşinde biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ol hemişe milletiň bitewüligini, agzybirligini saklamaga, nesilleriň ruhunyň baý, belent hem berk bolmagyna uly üns beripdir. Ine, şonuň üçin hem Oguz han atamyzdan gözbaş alyp gaýdýan türkmen ruhuny ýene-de döwrebap halda ösdürmek, baýlaşdyrmak baş wezipe bolup durýar. Ençeme müňýyllyklaryň dowamynda Oguz han hakynda ululy-kiçili eserleriň ýüzlerçesi döräpdir. Olar halk tarapyndan «Oguznama», oguz dessanlary diýlip atlandyrylypdyr. Şol oguznamalaryň döwrüň synagyndan geçip bilmän ýitip gidenleri-de, çeper hem sada dilde ýazylyp, halk arasynda henize - bu güne çenli ýaşap gelýänleri-de bar. Olardan Mahmyt Kaşgarlynyň sözlügine, Fazlallah Reşideddiniň, Salar Babanyň, Abulgazy hanyň taryhy eserlerine giren «Oguznamalar», şeýle hem başga kätipler tarapyndan göçürilen Pariž, Kazan we beýleki nusgalaryny görkezmek bolar. Parižiň Milli kitaphanasynda saklanýan, uýgur hatynda ýazylan golýazma «Oguznamalaryň» irki nusgalarynyň biri hasaplanýar. Beýleki «Oguznamalar» bilen deňeşdireniňde, bu nusganyň many-mazmunynda-da, çeper beýan ediliş tärlerinde-de, aýry-aýry keşpleriň janlandyrylyşynda-da tapawutlaryň bardygy duýulýar. Onda dünýewilik, millilik güýçli. Eserde Oguz hanyň dogluşy şeýle beýan edilýär: «Günleriň bir güni wagty-sagady dolup, Aý Hanyň çaga dogurmaly wagty ýetdi. Burgy–sanjysy tutdy. Sanjylaryň soňundan bir ogul dünýa indi. Oglanyň ýüzi gögüň öwüşgininde, agzy oduň gyzyl reňkinde, gözleri bolsa bal pisint goýungözdi, saçlary, gaşlary garady. Iň gözel perilerden-de gözeldi.

Enesiniň göwsünden diňe bir sapar süýt emdi, soň birem emmedi. Dil çykdy. Çig et, aş, şerap isleýänini aýtdy. Derrew gürleşmäge başlady. Kyrk günüň içinde ulaldy. Kyrk günden soňra ylgap, oýnap başlady. Aýaklary öküziň aýaklary ýaly güýçli, göwsi aýynyň göwsi ýaly sagdyn, bili gurduň bili ýaly inçe, omuzlary bolsa samyryň omuzlary ýaly ýalpyldawuk hem berdaşlydy».

Görnüşi ýaly, bu nusgada Oguz hanyň dogluşy-da, ulalyşy-da adaty adamlaryňkydan üýtgeşik. Ol bary-ýogy kyrk günuň içinde ulalyp, at münüp, aw awlap başlaýar. Eseriň dowamynda hem şeýle ýagdaýlar dowam edýär. Bu şeýle hem bolmaly. Sebäbi ol adaty adamlaryňkydan üýtgeşik işleri ýerine ýetirýär, üýtgeşik pikirlenýär, üýtgeşik aňyýeti iş ýüzüne geçirýär. Ölmez-ýitmez at galdyrýar. Nesilleriniň-de ömrüni uzaldýar.

Eserde Oguz hanyň öýlenişi, öýli-işikli bolşy-da beýleki adamlaryňkydan üýtgeşik bolup geçýär. Ol tokaýda aw awlap ýören wagty asmandan mawy yşyk ýere inýär. Onuň içinde bir owadan peri gyzy peýda bolýar. Oguz han oňa öýlenýär. Olaryň üç ogly bolýar. Olara Gün han, Aý han, Ýyldyz han diýip at dakýar.

Şondan birnäçe wagt geçenden soň, Oguz han ýene awa çykýar. Ol bir kölüň ortasyndaky adanyň içindäki agajyň köweginde oturan bir owadan gyza duşýar. Ony söýýär hem oňa öýlenýär. Ondan hem üç ogly bolýar. Olara Dag han, Deňiz han, Gök han diýip at dakýar.

Eserde beýän edilişine görä, bu ýerde Oguz han ilkibaşda adaty bir gyza däl-de, asmandan şöhle görnüşinde ýere düşen nurdan dörän gyza öýlenýär. Ondan bolan ogullaryna älem giňişligi, ýagny kosmos bilen bagly atlar dakýar. Ikinji gezek öýlenende, ýerde önüp-ösen gyza öýlenýär. Ondan bolan ogullaryna ýeriň üsti bilen bagly Dag han, Deňiz han, Gök han diýip at dakýar. Şeýlelikde, Oguz han asmanam, bütin ýeriň üstem meniňkidir diýen pikiri öňe sürýär.

Bize gelip ýeten «Oguznamalardan» belli bolşuna görä, Oguz han şeýle belent pähim-paýhasly, geljege belent garaýyşly şahsyýet bolupdyr. Oňa adatdan daşary ylahy güýçler goldaw beripdir. Ol ylahy güýçler parlak yşyk ýa-da gök tüýli, gök ýally gurt şekilinde ýanyndan galman, oňa hemaýat berip gelipdir. Oňa ýol salgy beripdir,

kyn ýagdaýlar peýda bolanda, ondan nähili baş alyp çykmalydygyny öwredipdir. Türkmen halky şeýle adatdan daşary güýçlerden peýdalanyp bilýänleri halatly adamlar diýip atlandyrypdyr.

Oguz hanyň altyn-kümüşden bolan ok-ýaýlary ogullaryna paýlaýşy-da adatdan daşary güýçler bilen bagly bolup, onda-da göçme many-mazmun teswirlenýär.

Bu ok-ýaýlary mysal getirmek bilen, Oguz han ogullaryna, agtyklaryna bir jan-bir ten, agzybir bolmaklygy ündäpdir. Bu mysalda ok bolup, ýaý bolmasa ýa-da ýaý bolup, ok bolmasa, ony atyp bolmaýşy ýaly, Oguz hanyň nesilleri agzybir bolup, bir agza garamasalar, hiç bir işiň amala aşmajagy aýdylýar.

Oguz han atamyz barada ýazylan beýleki «Oguznamalar» bilen bir hatarda uýgur hatynda beýan edilen oguznamada öwrenere, nusga alara zat kän. Onda many-mazmun has irki döwrüň garaýyşlary esasynda beýan edilýär. Bu bolsa eseriň asyl durkuny dikeltmekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

«Oguz han» dessanynyň ýazylany bäri ençeme müň ýyl geçen hem bolsa, ol häzirem gyzykly okalýan eserleriň biri hasaplanýar. Onda öwrenere, nusga alara zat kän.

## «OGUZ HAN» DESSANY

Günleriň bir güni wagty-sagady dolup, Aý Hanyň çaga dogurmaly wagty ýetdi. Burgy – sanjysy tutdy. Sanjylaryň soňundan bir ogul dünýä indi. Oglanyň ýüzi gögüň öwüşgininde, agzy oduň gyzyl reňkinde, gözleri bolsa bal pisint goýungözdi, saçlary, gaşlary garady. Iň gözel perilerden-de gözeldi.

Enesiniň göwsünden diňe bir sapar süýt emdi, soň birem emmedi. Dil çykdy. Çig et, aş, şerap isleýänini aýtdy. Derrew gürleşmäge başlady. Kyrk günüň içinde ulaldy. Kyrk günden soňra ylgap, oýnap başlady. Aýaklary öküziň aýaklary ýaly güýçli, göwsi aýynyň göwsi ýaly sagdyn, bili gurduň bili ýaly inçe, omuzlary bolsa samyryň omuzlary ýaly ýalpyldawuk hem berdaşlydy. Endamy tüýlüdi. At sürülerini kowalardy. Ata münerdi hem keýik awlamaga çykardy.

Günler, aýlar geçdi. Bu oglan görmegeý bir yigit bolup ýetişdi.

Ol zamanlarda, ol taraplarda örän uly bir tokaý bardy. Tokaýyň sansyz-sajaksyz dereleri bardy, ençeme çeşmeler akýardy. Şonuň üçin-de bu ýere hetsiz-hasapsyz aw haýwanlary gelýärdi hem-de müňlerçe awçy ýygnanýardy. Ýöne bu tokaýyň içinde bir gorkunç aždarha bardy. Bu aždarha at sürülerini-de, ol ýerdäki adamlary-da iýerdi. Örän erbet, gorkunç bir jandardy. Halk gorkup, ondan bizar bolupdy. Ýöne çäresizdiler, edip bilýän zatlary ýokdy.

Oguz han bolsa edermen bir ýigit bolup ýetişipdi. Ol aždarhany öldürmek isledi. Günleriň bir güni bellibir karara geldi hem awa çykdy, naýzasyny, okuny, ýaýyny, gylyjyny we galkanyny ýanyna aldy. Bir keýigi tutup, ony çeýe söwüt çybygy bilen bir agaja baglady hem bir çete çekildi.

Ertesi daň agaranda ol ýere geldi. Görse, aždarha keýigi diriligine ýuwdupdyr. Bu gezek ol bir aýy tutdy. Ony-da altyn ke-

mer bilen daňyp, agaja baglady hem-de ol ýerden ýuwaşlyk bilen gaýtdy.

Gün ýaşdy, garaňky düşdi. Soňra ýene daň atar wagty boldy. Oguz han daň agaran wagty tokaýa geldi we aždarhanyň aýyny-da diriligine ýuwdanyny gördi. Şonda şol daňyp goýan zatlarynyň ornunda – agajyň düýbünde özi durup, ol ýuwdarhany tutmagy ýüregine düwdi. Az wagtdan aždarha peýda boldy. Ol badyny gowşatman gelşine kellesini galkana uranda, Oguz han naýzasyny sünjüp, aždarhany öldürdi, gylyjy bilen başyny kesdi. Aždarhanyň kellesini alyp gaýtdy. Esli wagtdan soň yzyna garasa, bir gyrgynyň aždarhanyň maslygyny iýip oturanyny görüp, ok-ýaýyny gerdi-de atdy hem-de gyrgyny öldürdi. Onuň-da kellesini kesdi. Bu ahwalata ol şeýleräk düşündi hem-de öz-özüne şeýle diýdi: «Aždarha hem keýigi, hem-de aýyny iýdi. Aždarha keýikden-de, aýydan-da güýçli ekeni. Emma naýzam aždarhany öldürdi, sebäbi naýzam demirden. Gyrgy bolsa aždarhany iýdi. Ýaýym bilen okum-da gyrgyny öldürdi. Ýaýym bilen okum mis bolany üçin gyrgyny öldürdi».

Oguz han ol ýerden gaýtdy.

Ýene aýlar, günler geçdi. Günleriň bir güni Oguz han ýene tokaýa gitdi hem ol ýerde Taňra ýalbarmaga durdy. Gürläp durka birden bar ýeri garaňkylyk gaplap aldy. Gökden bir mawy yşyk indi. Bu mawy yşyk Günden-de, Aýdan-da ýagtydy. Oguz han böküp ýerinden turdy. Mawy yşygyň içinde bir ýaş gyzyň bardygyny gördi. Mawy yşygyň ortasynda ol gyzyň ýeke özi otyrdy. Örän owadandy. Başynda bagt ýyldyzy ýaly ýalp-ýalp edip ýalpyldaýan bir ýyldyz bardy. Ol gyz şeýle bir gözel, şeýle bir gözeldi welin, gülen wagty bütin gök-asman-da gülýärdi, aglan wagty bütin gök ýüzi-de aglaýardy. Oguz han ol gyzy görüp, akyly başyndan uçdy. Ol gyzy söýdi hem oňa öýlendi.

Ençeme gije hem gündizlerden soňra, bu uz owadan gyzyň gözleri ýalp-ýalp ýandy. Üç ogul dogurdy. Birine Gün adyny berdiler. Ikinjisiniň adyna Aý diýdiler. Üçünjisini-de Ýyldyz diýip çagyrdylar.

Oglanlar ulalýardy. Günleriň bir güni Oguz han ýene awa çykdy. Aw awlap ýörkä bir kölüň ortasynda bir adany, adada-da bir agajyň

ösüp oturanyny gördi. Baryp seretse, ol agajyň köweginde bir gyz oturan ekeni. Özem ýalňyz hem örän owadan gyzdy, görmäge göz gerekdi. Gözleri dury asman ýaly gögümtikdi, saçlary derýa tolkuny ýaly çil-çildi, dişleri-de hünji kimindi. Gyz şeýle bir owadandy, onuň tarypyny aýdyp gutarar ýaly däldi. Haýsydyr bir adam görse, bihuş bolup ýykylardy, süýt bolsa, gymyza öwrülerdi. Oguz han hem ol gyzy görende, akyly başyndan uçdy, ýüregine bir ýanar ot düşdi. Gyzy bir bakyşda söýdi, ony-da aldy. Mundan soňra günler gijelere garyşdy, gijeler günlere garyşdy. Bir gün säher wagty bu gyzyň-da gözleri ýylp-ýylp ýylpyldady. Ol-da üç ogul dogurdy. Öňküler dek bu oglanlaryň-da birinjisiniň adyna Gök diýip at goýdular. Ikinjisine Dag diýen ady berdiler. Üçünjisini-de ýöne Deňiz diýip çagyrdylar.

Bu işler başa barandan soň, Oguz han bir uly toý berdi. Çagyrylan-çagyrylmadyklar biri-birinden eşidişip geldiler. Dürli naharlar, depe ýaly etler, derýa kimin gymyzlar iýlip-içildi. Köp şatlyk-şagalaň hem bol iýgi-içgi boldy.

Toýdan soňra Oguz han beglerine, myhmanlaryna halat-serpaý paýlady, şeýle söýledi:

Men senlerge boldum kagan,
Alalyň ýaý taky galkan.
Tamga bize bolsun buýan,
Kök böri bolsungyl iran.

Temir jyda bolsun orman,
Aw ýerde ýürüsün kulan.
Taky tulaý, taky müren,
Kün tug bolgul, kök kurikan.

Terjimesi:

Men sizlere boldum han,
Alalyň ýaý ýa-da galkan.
Tagma bize bolsun nyşan,
Gök böri sesi nagra bolsun.

Demir naýza bolsun tokaý,
Aw ýerinde ýörsün gulan.
Hala deňiz, hala derýa,
Gök tug bolsun, gök bize öý.

Oguz han bu sozleri aýdandan soňra dört ýana permanlar ýollady. Ilçilerini ýola saldy. Ilçileriniň äkiden perman hem hatlarynda şeýle diýilýärdi: «Men ýeriň dört ýanynyň-da hany saýylýaryn. Siziň hem maňa baş egmegiňizi isleýärin. Kim meniň buýrugyma gulak assa, onuň sowgatlaryny alaryn we ony özüme dost bilerin. Kim meniň buýrugymy diňlemese, baş egmese, gazaplanaryn, ony duşman bilerin hem goşunlarymy üstlerine ýollaryn. Çozuş ederin, olary tutaryn, asaryn, ýok ederin».

Ol zamanlarda Oguzyň ýakyn sag ýanynda Altyn han diýilýän hanlyk bardy. Altyn han Oguz hana ilçileri bilen birlikde bihasap altyn hem kümüş iberip, ölçegsiz gymmat baha ýakut daşlaryny hem-de tapylgysyz şaý-sepleri gönderdi, alkyşlar ýollady, Oguz hanyň buýrugyna gulak asdy. Iberen zatlary bilen Oguz hana dostlugyny subut etdi. Olaryň ikisi-de biri-biri bilen dost boldular.

Ýene-de ol zaman Oguzyň ýakyn sol ýanynda Urum diýen bir hanlyk bardy. Urum hanynyň känden-kän goşuny hem känden-kän şäherleri bardy. Känden-kän goşunlary bilen, känden-kän şäherlerine buýsanyp, Urum hany Oguz hanyň buýrugyny diňlemedi. Onuň dostlarynyň arasyna goşulmady. «Oguzyň sözlerini berjaý etmeýärin» diýip, permany ýerine ýetirmedi. Muny aňan Oguz han gazaba mündi, Urum hanynyň üstüne goşun sürdi. Esgerleri bilen atlanyp, tuglaryny pasyrdadyp ýöriberdi.

Kyrk gün geçenden soňra «Muz» («Buz») dagy diýlen bir dagyň etegine geldi. Bu ýerde çadyryny gurdy, ýatyp dem-dynjyny aldy, uklap turdy. Töwerek imisalalykdy.

Ertesi Gün dogmazyndan has ir Oguz hanyň çadyryna güneşden-de parlak bir yşyk girdi. Ol yşykdan gök tüýli, gök ýally bir garry erkek gurt peýda boldy. Gurt dil açdy. Oguz hana garap söz sözledi. Oňa şeýle diýdi: «Oguz! Oguz ! Aý, Oguz ! Sen Urum hanyň üstüne

ýöriş etmekçi bolýarsyň. Aý, Oguz, men-de seniň bilen ýola düşmek isleýärin!»

Oguz turup töweregine garady. Hiç zat görmedi. Çadyrlary ýygnadylar. Ýörişi dowam etdiler. Ýolda esgerleriň öňünden gök tüýli, gök ýally, bir garry erkek gurduň barýandygyny gördüler. Ol gurduň yzy bilen bolsa bütin goşun ýöräp barýardy. Olar şeýle boluşda gidiberdiler.

Birnäçe günden soňra gök tüýli, gök ýally gurt durdy. Oguz han-da esgerlerini saklady. Bu ýerde bir deňiz bardy, adyna Itil müren (müren-derýa. Wolga derýasy) diýilýärdi. Itil müreniň bir gapdaly gara daglykdy. Ine, şol gara dagyň eteginde kän uruşlar boldy. Ok bilen, naýza bilen, gylyç bilen söweşdiler. Ol hakda şeýle diýilýär:

Çerigleriniň aralaryda
Köp telim boldy uruşgu.
Il-künleriniň köňülleride
Köp telim boldy kaýgu.

Terjimesi:

Esgerler aralarynda
Telim sapar uruş boldy.
Il-günüň köňüllerinde
Telim sapar teşwüş boldy.

Söweşler hem uruşlar şeýle bir gyzyşdy weli, ahyrda Itil müreniň suwy zenjebil ýaly gyp-gyzyl bolup akdy. Oguz han ýeňdi. Urum hany bolsa ýeňlip, gaçyp gitdi.

Ondan soňra Oguz han Urum hanynyň hanlygyny, il-halkyny elinden aldy. Örän köp oljalar gazandy. Bar ýeri bolçulyk boldy.

Urum hanynyň bir dogany-da bardy. Adyna Uruz beg diýerdiler. Beýik dagyň üstünde, iki ýany uly derýa bilen baglanan jülgede berk gurlan hem-de berk goragly şäheri bardy. Uruz beg öz ogluny şol ýere ýollady. Ugradanda:

«Şäheri gowy goramagymyz gerek. Ony gowy gorap, biziň saklanmagymyz gerek. Şeýle edersiň. Söweşden soňra gaýdyp gelersiň!» diýip tabşyryk berdi.

Barybir Oguz han bu şäheriň üstüne-de ýöriş etdi. Uruz begiň ogly bu ýagdaýy görüp, Oguz hana örän köp altyn-kümüş ýollady. Oguz hana: «Sen meniň hanymsyň. Kakam maňa bu şäheri berdi hem-de: «Şäheri gora, uruş gutarandan soňra-da meniň ýanyma gaýdyp gel» diýip tabşyryk berdi. Kakamyň saňa gaharlanmasy meniň günämmi näme? Seniň buýrugyňa amal etmäge söz berýärin. Biziň bagtymyz seniň bagtyňdyr, aslymyz siziň nesil agajyňyzyň miwesindendir. Taňry saňa güýç beripdir, ygtyýar beripdir. Men-de saňa başymy hem-de baýlygymy bagyşlaýaryn. Saňa salgyt tölärin, dostlukdan dönmerin» – diýdi hem boýun egdi.

Oguz han bu ýigidiň sözlerine begendi, şatlandy hem-de gülüp şeýle diýdi:

Menge köp altyn ýumşap sen,
Balukny ýagşy saklap sen.

Terjimesi:

Maňa köp altyn ýollap sen,
Şäheri ýagşy saklap sen.

Bu sözleri aýdandan soňra, ol ýigide Saklap diýen at goýdy hem ony özüniň ýakyn adamy saýdy.

Ondan soňra goşuna baş bolup, ýene ýöriş etdi. Oguz han «Itil» diýen derýanyň kenaryna gelip ýetdi. Itil derýasy örän uly derýady. Oguz han Itil derýasyny synlap, ýanyndakylardan: «Itil suwundan nähili geçeris?» diýip sorady.

Goşunyň arasynda bir beg ýigit bardy. Adyna Ulug Orda beg diýerdiler. Ol akylly bir är ýigitdi. Ulug beg derýanyň kenarynda örän gür hem ýogyn agaçlaryň ösüp oturanyny gördi. Ol agaçlary kesip, biriniň üstünde oturyp, ýüzüp derýanyň aňry kenaryna geçdi. Oguz han örän begendi, wagtyhoş bolup gülüp şeýle diýdi:

Aý-aý, sen munda beg bolduň,
Gypjak diýlen sen beg bolduň.

Terjimesi:

Eý-eý! Sen munda beg bol,
Gypjak diýlen sen beg bol!

Ýene-de atlaryny ýüzin salyp gitdiler.

Ondan soňra Oguz han gök tüýli, gök ýally garry erkek gurdy gördi. Gök tüýli, gök ýally gurt Oguz hana: «Oguz han, indi sen atlanyp, goşunyň bilen bu ýerden ugra. Atlanyp ugranyňda il-halkyňy-da, begleriňi-de ýanyň bile alyp git. Men seniň öňüňden gitjek, saňa ýol görkezjek!» diýdi.

Daň agaranda Oguz han erkek gurduň goşunyň öňünden gidip barýanyny gördi. Muňa begendi. Onuň yzyna düşüp, ýene öňe gidiberdiler.

Oguz han atlarynyň arasynda Alaja bedewini örän gowy görerdi. Şonuň üçin-de hemişe bu bedewi münerdi. Ol ýene-de Alaja bedewe atlandy. Ýolda düşlänlerinde Oguz hanyň bedewi baş bermän gaçyp, gözden ýitip gitdi. Ol ýerde bir uly dag bardy, depesinde doňup ýatan buz az bolmazdy. Sowukdan ýaňa doňup galan buzlaryň derdinden onuň gerişleri ap-akdy. Şonuň üçin onuň adyna «Buz dagy» diýerdiler. Oguz hanyň bedewi şol Buz dagynyň içine gaçyp gitdi. Oguz han muňa gaty gyýyldy.

Oguz hanyň leşgerleriniň arasynda bir edermen ýigit bardy. Hiç bir zatdan gorkmazdy. Ýörişe-de, sowuga-yssa-da dözümlidi. Ol Buz dagynyň içine girip gitdi. Dokuz günden soňra bedewi ideкläp, Oguz hana getirip berdi. Dag gaty sowuk bolanlygy üçin onuň üsti-başy ap-ak gara örtülipdi. Oguz han begenjine gülüp, oňa: «Sen şu töwerekdäki beglere baş bol, seniň adyň ebedi Karluk bolsun!» diýdi. Oňa hazynadan halat-serpaýlar-da bagyşlady. Ol begenjine guş bolup uçup gitdi.

Ýol bilen gidip barýarkalar bir uly öýüň üstünden bardylar. Oguz han baryp görse, öýüň diwarlary altyndan, penjireleri kümüşdendi. Üçegi demirdendi, gapysy gulpludy. Açyp bilmediler. Esgerleriň arasynda başarnykly, elinden her iş gelýän bir är ýigit bardy. Adyna Tömürtü Kagul diýerdiler. Oguz han oňa buýruk berip, şeýle diýdi: «Sen

bu ýerde gal, hem gapyny aç. Gapyny açanyňdan soňra, gelip leşgere goşularsyň!»

Şondan soňra Tömürtü Kagula Halaç adyny berdiler hem ýoly dowam etdiler.

Gök tüýli, gök ýally garry erkek gurt günleriň bir güni ýöremän durdy. Oguz han-da durdy, ýöremedi. Ýeten ýerlerinde çadyrlaryny gurdular. Bu taýy otsuz-çöpsüz bir şor ýer ekeni. Adyna Çürçüt diýerdiler. Ol uly bir ýurtdy, milleti kändi. Atlary, öküzleri, göleleri köpdi, altynlary, jöwahyrlary, kümüşleri kändi. Çürçüt han bilen onuň halky Oguz hana garşy durdular, söweş boldy. Ok bilen, gylyç bilen uruşdylar. Oguz han üstün geldi, ýeňdi. Çürçüt hanlygyny basyp aldy. Çürçüt halkyny öz golastyna geçirdi.

Bu söweşden soňra Oguz hanyň goşunlaryna şeýle bir dolup-daşyp ýatan, hetdi-hasaby bolmadyk mal hem olja galdy. Olary ýükläp äkitmäge ne at, ne gatyr, ne öküz ýetýärdi.

Oguz hanyň ordasynda ýene bir är ýigit bardy. Ol hem akyllydy. Onuň adyna Barmaglyg Çusun Billik diýerdiler. Bu eli hünärli ussa bir araba ýasady. Onuň üstüne oljalary ýükläp, arabanyň öňüne-de mal-garalary, atlary, gatyrlary, öküzleri goşdular. Ol janly mallar bu jansyz oljalary çekip äkitdiler. Ony görenleriň ählisi haýran galdylar. Hemmeler örän kän araba ýasandylar. Gidip barýan arabalary görenler «gaňk, gaňk!» diýip gygyryşdylar. Munuň üçin onuň ady «gaňkly» bolup galdy.

Arabalary görende, Oguz hanyň gülküsi tutdy hem şeýle diýdi: «gaňka – araba bilen jansyz zady janly zat ýöretdi. Indi gaňkly-da oňa at galsyn!»

Ol ýerden ýene-de ýörişlerini dowam etdiler.

Ondan soňra Oguz han gök tüýli, gök ýally garry erkek gurt bilen birlikde Sind, Tangut hem Şam taraplaryna atlaryny sürüp bardy. Bir kän söweşlerden soňra ol ýerleri-de öz ýurduna goşdy, ol ýerlere-de hökümini ýöretdi.

Ähli zatlar aýdylman-bilinmän galmasyn, ýeri-ýurdy anyk bolsun. Aşak taraplarynda Barkan diýen bir ülke bardy. Uly bir barly ýurtdy. Howasy örän yssydy. Awlaglary, guşlary örän boldy. Altyny-da kändi, kümşi-de, jöwahyrlary-da.

Barkan atly bu ülkäniň hanynyň ady bolsa Masardy. Oguz han onuň üstüne-de ýöriş etdi. Örän gazaply söweş boldy. Oguz han ýene üstün geldi. Masar han bolsa gaçyp gutuldy. Oguz ony-da ýeňdi, onuň-da ýurduny aldy. Oguz hanyň dostlary begendi, duşmanlary bolsa gaýgy-gama batdy.

Oguz han Masar hany ýeňende-de, sansyz-sajaksyz olja hem at sürülerini alyp, öz ýurduna döndi.

Ady aýdylmasa bolmaz, goý, bilinsin! Oguz hanyň ýanynda ak sakgally, ak saçly, örän akylly bir goja kişi bardy. Aňly-düşünjelidi, hemme zada dogry düşünerdi. Oguz hanyň bu akyldarynyň ady-da Ulug Türükdi.

Ana, şol Ulug Türük günleriň bir güni düýş gördi. Düýşünde bir altyn ýaý, üç sany-da kümüş ok gördi. Şol altyn ýaý gündogardan tä günbatara çenli gerilmişdi. Üç kümüş ok-da dogry demirgazyga uçýardy.

Ukudan oýananda, Ulug Türük düýşünde görenini Oguz hana aýdyp berdi hem-de şeýle diýdi: «Oguz han, seniň ömrüň uzak bolsun, başyň dik, aman-esen bolsun! Gök Taňry düýşümde saňa näme beren bolsa, hasyl bolsun! Taňrym bütin ýeriň ýüzüni seniň nesilleriňe bagyş etsin!»

Oguz han Ulug Türügiň sözlerine şatlandy, nesihatlaryny diňledi. Öwüt-ündewlerini-de kabul etdi, olary ýerine ýetirdi. Ertesi ähli uly, kiçi ogullaryny çagyryp, ýanyna getirdi. Olara şeýle diýdi: «Meniň göwnüm aw awlamak küýseýär. Garranym üçin men gidip bilmeýärin. Ýöne siz:

> Kün, Aý, Ýulduz, taň saryga senler baryň,
> Kök, Tag, Tengiz, tün saryga senler baryň!

Terjimesi:

> Gün, Aý, Ýyldyz, gündogar tarap baryň.
> Gök, Dag, Deňiz, günbatar tarap baryň! –

diýdi. Şeýle buýrugyň emri bilen ogullarynyň üçüsi dogry gündogara tarap atlaryny sürdüler, beýleki üçüsi-de dogry günbatara tarap.

Gün, Aý, Ýyldyz dagy köp aw awladylar, kän guş urdular, soň bolsa ýolda bir altyn ýaý tapdylar. Ony aldylar-da, getirip Oguz hana berdiler. Oguz han örän begendi. Hoş bolup güldi. Ýaýy uly üç ogluna berdi:

– Eý, uly ogullarym! Ýaý siziňki bolsun. Ýaý ýaly bolup, oklary göge atyň! – diýip aýtdy.

Gök, Dag, Deňiz dagy bolsa dogry günbatarda köp aw awlap, kän guş tutup, gaýdyp gelýärkäler, ýolda üç kümüş ok tapdylar. Olary aldylar-da, getirip Oguz hana berdiler. Oguz han ýene begendi, ýene güldi hem-de oklary üçe bölüp, kiçi ogullaryna berip:

– Eý, kiçi ogullarym! Oklary size berýärin. Ýaý oky atar, siz hem ok ýaly boluň! – diýdi.

Şondan soňra-da Oguz han uly maslahat geçirdi. Oňa her kesi çagyrdy. Maslahata çagyrylanlar gelip özara gürleşdiler, oturyp dem-dynç aldylar.

Oguz han uly öýüniň sag gapdalynda kyrk gulaç uzynlykda bir agaç direg dikdirdi, depesine-de bir altyn goýun baglady.

Oguz han ýene uly öýüň sol gapdalynda kyrk gulaç uzynlykda bir agaç direg dikdirdi. Onuň depesine-de kümüş towuk baglady.

Sag tarapynda Bozoklar oturdylar, sol ýanynda-da Üçoklar ýerleşdiler. Kyrk gün, kyrk gije iýildi-içildi. Hezil edinip gezildi, şatlanyp, gülüp-oýnap gezildi.

Kyrk gün, kyrk gije geçenden soňra, Oguz han ogullarynyň arasynda öz ýurduny paýlaşdyrdy hem-de olara şeýle diýdi:

Eý, ogullar, köp men aşdum,
Uruşgular köp men kördüm.
Jyda birle köp ok atdum,
Aýgyr birle köp ýügürdüm.

Duşmanlaryny yglagurdum,
Dostlarymny men küldürdim.
Kök Taňryga men ötetim,
Senlerge bere men ýurdum.

Terjimesi:

Eý, ogullar, kän ýaşadym,
Men kän-kän söweşler gördüm.
Jyza bile kän ok atdym,
Aýgyr bile kän ýol ýördüm.

Duşmanlarymy ýygladardym,
Dostlarymy men güldürdim.
Gök Taňra tarap men ötdüm,
Size-de ýurdumy berdim.

## GADYMYÝETDEN HABAR BERÝÄN DESSAN

Oguz dessanlarynyň iň gadymy nusgalarynyň biri-de «Ergenekon» atly dessandyr.

«Ergenekon» dessanynda oguz türkmenleriniň taryhy, syýasy-ykdysady, medeni durmuşyna degişli möhüm wakalar öz beýanyny tapypdyr. Eserde halkyň ýagty dünýä – erkinlige çykmak, asuda, parahat durmuşda ýaşamak baradaky süýji arzuw-umytlary teswirlenipdir.

Döwürleriň dolanyp, heňňamlaryň öwrülip, müňýyllyklaryň geçmegi bilen, oguz dessanlarynyň köpüsi öz asyl durkuny ýitiripdir. Olaryň belli-belli nusgalary böleklere bölünip, dürli ýazuw ýadygärlikleriniň içine düşüpdir. Käbirleri bolsa halkyň hakydasynda aýawly saklanyp, azda-kände özgeren görnüşde biziň günlerimize gelip ýetipdir. «Ergenekon» dessany hem şeýle ýagdaýlary başdan geçiripdir. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu dessanda müňýyllyklardan öňki wakalar beýan edilipdir. Onda wakalaryň bütewüligine, olaryň beýan ediliş yzygiderliligine ep-esli zeper ýeten hem bolsa, ol umumy durkuny saklapdyr.

Türkmenleriň ata-babalary bolan oguzlaryň uly döwlet gurup, ýaşaýyşlarynyň rowaçlanan wagtlary-da, daşky çozuşlar, özara agzalalyklar, oňşuksyzlyklar zerarly, uly döwletleriň synan mahallary-da bolupdyr. Göktürk hanlygy eýýamynda hem şeýle ýagdaý dowam edipdir. Bu döwürde birnäçe döwletler gurlup, birnäçesi dargapdyr. Anyk sene ýazgysy görkezilmedik hem bolsa, «Ergenekon» dessanyndaky wakalar şol zamanlarda, hatda ondanam irki döwürde bolup geçipdir diýip çaklamak mümkin. Dessanyň many-mazmuny Oguz-Orhon ýazgylaryny-da biygtyýar ýada salýar.

«Ergenekon» dessany şeýle setirler bilen başlaýar:

«Türk illerinde Göktürküň oky ýetmeýän, göktürküň goly ýetmeýän bir ýerem ýokdy. Göktürkler hökümdardy. Bu ýagdaý bolsa beýleki ähli kowumlara ýaramaýardy».

Dessandaky teswirlenýän many-mazmuna oguz türkmenleriniň Ergenekona geçmezlerinden öňki hem soňky döwürde uzak wagtyň dowamynda bolup geçen wakalar ussatlyk bilen siňdirilipdir. Halk döredijiligi eserlerinde şeýle ýagdaýlar ýygy-ýygydan duş gelýär. Taryhy hakykat çeper beýan edilende uly özgerişleri başdan geçirýär. Onuň bolup geçen wagty takyk görkezilmän, halkyň hakydasynda galan dürli döwrüň wakalary oňa goşulýar.

Dessanda aýdylyşyna görä, has irki döwürlerde oguzlaryň uly döwleti synýar. Ýurduň hany Ilhanyň ýeke ogly Kaýan (Gaýy han), ýegeni Tokuz (Dokuz oguz) hem-de olaryň birnäçe ildeşleri aman galýarlar. Şonda olar az sanly bolup, özlerini halas etmek, nesilleriniň ýitip gitmezligi üçin, uly daglaryň arasynda adam aýagy sekmeýän, barmasy kyn jülgäni saýlap alýarlar. Ol ýere Ergenekon diýip at goýýarlar. Fazlallah Reşideddiniň hem Abylgazy Bahadurhanyň aýtmaklaryna görä, bu söz «ergenek» hem «kän» diýen sözlerden emele gelip, galadaky baýlyk diýen manyny aňladýar. Şonda ol «Ergenekdäki», ýagny daşy ergeneklenen, berkidilen galadaky baýlyk diýen manyny aňladýar. Bu ýerde «kän» sözi magdan hem baýlyk diýen manyny aňladýar.

«Ergenekon» oguz türkmenleriniň bellibir döwürde güýç toplamak, ýurdy aýaga galdyrmak maksady bilen, özleriniň daşyna uly goraw döredendiklerini, hiç bir halk bilen çaknyşman, dawa-jenjele baş goşman, uzak wagtlap asuda, parahat ýaşandyklaryny habar berýär. Dessanda şol parahatlyk dört ýüz ýyl dowam etdi diýlip aýdylýar. Elbetde, gadym zamanda beýle ýagdaý uzak wagtlap dowam edipmi ýa-da dowam etmändir diýen soraga çürt-kesik jogap bermek kyn. Rowaýatlarda, halk hekaýatlarynda, dessanlarda sanlar hakyky bolmalysyndan diýseň ösdürilýär. Bu şol eserlere mahsus ýagdaý. Galyberse-de, «Ergenekonda» oguz türkmenleri dört ýüz ýyllap parahat, asuda ýaşapdyr, halk köpelipdir hem baýapdyr diýilmegi halkyň arzuw-islegi ýa-da şeýle az wagtlyk dowam eden ýaşaýşyň en-

çemesiniň ýatlanylmagy esasynda-da döräp biler. Şonda Oguz-Orhon ýazgylarynyň we beýlekileriň göz öňünde tutulan bolmagy-da mümkin. Oguzlaryň ady belli hökümdary Kültegininiň ýadygärligine ýazylan ýazgylarda ol öz eden işleri barada şeýle habar berýär:

«Ondan soňra Taňrynyň ýalkamagy bilen, özümiň bagtymyň bar bolany üçin, nesibäm bar bolany üçin, ölüp barýan halky aýaga galdyrdym, garyp halky baý kyldym. Tireler birleşigine wepaly bolan illere ýagşylyk etdim».

Görşümiz ýaly, bu iki eserde ýöredilýän pikir-de, gelinýän netije-de, öwut-ündew edilýän pähim-paýhas-da, iň esasy hem olaryň süňňüni düzýän taryhy hakykat-da birmeňzeş. Bu meňzeşlik haýsydyr bir tötänlik esasynda emele gelipdir diýip aýdyp bolmaz. Ol oguz-türkmen ýaşaýşyndan, oguz-türkmen ruhundan, oguz-türkmen häsiýetinden dömüp çykýar. Şonuň üçinem olarda ündelýän pähim-paýhas ondan öňem, şol döwürde-de, ondan soň hem bolup biler. Adamzat ýaşaýşy birsydyrgyn ösmeýär. Onda ösüş-de, pese düşüş-de gezekleşip, gaýtalanyp durýar.

«Ergenekon» dessanynyň dowamynda şol eşretli mekanda, parahat, asuda durmuşda ýaşap köpelendikleri, uly baýlyklara eýe bolandyklary, belent pähim-paýhasa, aňyýete eýe bolandyklary, hatda magdan eretmeklige-de akyl ýetirip, hötde gelip bilendikleri aýdylýar. Emma jemagatyň sanynyň artmagy bilen, olar Ergenekon jülgesine sygman, ýurt darlyk edip başlaýar. Eger olar şondan artyk bu ýerde ýaşasalar, onda howply-hatarly ýagdaýlaryň döremeginiň mümkindigininiň alamatlary duýlup başlaýar. Şonuň üçin olar nädibem bolsa, ol jülgeden çykmaly diýen karara gelýärler. Başda gelen ýollaryny baryp görýärler. Emma uzak wagtyň geçmegi, dagyň gaýalarynyň opurylyp, daş basmagy bilen ol gelen ýollary ýapylan ekeni. Başga-da hiç bir çykar ýaly ugur tapmaýarlar.

Şol zamanda olaryň arasynda bir akyldar ussa bar ekeni. Ol Ergenekonyň töweregini gurşap duran gaýalaryň biriniň düzüminde demirdir gurşunyň köpdügini, eger şol eredilse, çykyp boljakdygyny aýdýar. Mahlasy, olar şol pikiri makul bilip, ussanyň salgy beren gaýasyny eredip, giň jahana, täze dünýä, täze eýýama, täze ýaşaýşa

gadam basýarlar. Dagy böwsüp çykan halk uly toý toýlaýar. Şol toý dabarasy şeýle suratlandyrylýar:

«Şol keramatly ýylyň keramatly aýynyň keramatly gününiň keramatly sagadynda Göktürkler Ergenekondan çykypdyrlar. Olar şol aýy, şol güni, şol sagady gowy belläp alypdyrlar. Şondan soňra şol keramatly gün Göktürkler üçin uly baýram bolup galypdyr. Her ýyl şol gün gelende, uly toýlar tutulypdyr. Bu toýlarda bir bölek demir alyp, otda gyzdyrypdyrlar. Soňra-da gyzdyrylan demri ilki Göktürküň hany gysaç bilen tutup, sandalyň üstünde goýup, çekiç bilen urupdyr. Ondan soňra beýleki türk begleri, ähli il-ulus ýaňky hereketi gaýtalap, baýramçylyk başlapdyrlar».

Bu sözler oguz-türkmenleriniň durmuşynda gadym zamanlarda hem milli Täze ýyl baýramçylygynyň bolandygyny habar berýär. Ol erkinligiň dabaraly, şatlyk-şagalaňly, buýsançly, ählihalk baýramçylygy hasaplanypdyr. Ýöne onuň näçe wagt dowam edendigi belli däl. Her halda, şol galkynyş, oýanyş bilen baglanyşykly dörän baýramçylyk halkyň hakydasyndan ýitip gitmändir. Bu aýdylanlar ata-babalarymyz bolan oguz türkmenleriniň milli sene ýazgylaryny ýöredip, aý-günüň, hepdäniň hasabyny özleriçe ýöredendiklerini görkezýär. Sebäbi uzak asyrlaryň dowamynda türkmenler eçeme ýyl hasabyny ulanypdyrlar. Muňa çarwa, ýagny müçe ýyl hasabyny, şemsi (gün) ýyl hasabyny, kamary (aý) ýyl hasabyny, milady ýyl hasabyny, hijri ýyl hasabyny görkezmek bolar. Ýöne, nebsimiz agyrsa-da, türkmenleriň ata-babalary bolan oguzlaryň Ergenekondan çykan günleri bilen baglanyşykly ýöreden ýyl hasaby barada takyk maglumatlar saklanyp galmandyr. Haýsy günüň Täze ýyl baýramy hasaplanany-da belli däl.

Biziň pikirimizçe, Ergenekondan tomus çykylan däldir. Sebäbi ýetişen hem indi ýetişjek baýlyklary taşlap gaýtmak bolmaz. Ol ýerden güýzde çykmak hem amatly däl. Öňi gyş. Gyşda çykylsa-da, baryljak ýerde öý-öwzar tutunmagyň kyn düşjekdigi görnüp dur. Şonuň üçin olar Ergenekondan ýazyň soňlarynda çykan bolsalar gerek. Sebäbi käbir ýazuw ýadygärliklerinde geçmişde belli-belli oguz taýpalarynyň dokuzynjy aprelde, dokuzynjy maýda, hatda dokuzynjy iýunda-da Täze ýyl baýramyny, ýagny Nowruzy belläp geçendikleri ýatlanyp geçilýär.

## «ERGENEKON» DESSANY

Türk illerinde Göktürküň oky ýetmeýän, Göktürküň goly ýetmeýän bir ýerem ýokdy. Göktürkler hökümdardy. Bu ýagdaý bolsa beýleki ähli kowumlara ýaramaýardy, üstesine-de, olar Göktürkleri halamaýardylar. Olar bir ýere ýygnanyp maslahatlaşypdyrlar hem türklerden öç almaly diýen karara gelipdirler. Olaryň üstlerine ýöriş edipdirler.

Munuň garşysyna Göktürkler-de çadyrlaryny we sürülerini bir ýere toplapdyrlar. Töweregini-de hendek gazyp berkidipdirler. Duşman gelende-de söweşe girişipdirler. Söweş on gün dowam edipdir. Ahyrda Göktürkler üstün çykypdyr.

Göktürkleriň bu ýeňşine duşman toparlar gaty gaharlanypdyrlar, aw awlaýan ýerlerine toplanyşypdyrlar hem-de özara geňeş edipdirler: «Göktürklere hile gurmasak, biziň işimiziň soňy örän ýaman bolar» diýipdirler.

Bu maslahatdan soň, daň agarynça misli bosguna düşen ýaly bolup, derde ýaramaýan mallaryny taşlap, duşmanlar gaçyp başlapdyrlar. Muny gören Göktürkler: «Duşmanlarymyzda söweşmäge hal galmady, olar gaçýarlar» diýip pikir edip, olaryň yzlaryna düşüp kowup başlapdyrlar. Duşmanlar bolsa yzlaryndan ýetip gelýän Göktürkleri gören batlaryna, birden yzlaryna dönüpdirler. Göktürkleriň üstlerine gapyllykda dökülipdirler, urşup başlapdyrlar. Duşmanlar üstün çykypdyrlar. Göktürkler ýeňlipdirler. Duşmanlar Göktürkleri urup-ýenjip, öldürip, olary çadyrlaryna çenli kowup gelipdirler. Çadyrlaryny we mallaryny şeýle bir paýhynlap talapdyrlar, hatda ýekesem abat galmandyr. Uly adamlaryň ählisini gylyçdan geçiripdirler, kiçilerini bolsa gul edip we olaryň hersi birini öz öýlerine alyp gidipdirler.

Ol zamanlar Göktürkleriň başynda Ilhan han bolup oturypdyr. Ilhanyň-da köp ogullary bolupdyr. Ýöne onuň ogullarynyň ählisi diýen ýaly bu söweşde gyrlypdyr. Ýalňyz Kaýan atly iň kiçijik ogly sag-aman galypdy. Kaýan (Gaýy han) şol ýyl öýlenipdi. Ilhanyň Tokuz (Dokuz oguz) atly-da bir ýegeni bardy. Kaýan bilen Tokuzyň (Gaýy bilen Dokuz oguzyň) ikisi-de duşmana ýesir düşüpdir. Ýöne on gün geçmänkä, olaryň ikisi-de aýallaryny hem ýanlaryna alyp, atlanyp, bir gije duşmanlardan gaçypdyrlar hem ýesirlikden gutulypdyrlar. Olar Göktürkleriň gadym ýurduna gelipdirler. Azaşan hem ýowdan gaçyp gaýdyp gelen dört dürli malyň dördüsindenem kän mal toplapdyrlar-da ikisi oturyp, geňeş edipdir: «Eger haýsydyr bir ile baraly diýsek, dört tarapymyzdaky illeriň barysy bize ýagy. Eger hiç ýere gitmän, ýurdumyzda oturaly diýsek, her bir öten-geçen duşmana gabat gelmän olturyp bilmeris. Şonuň üçin, iň gowusy, hol oturan daglaryň arasyndan adamyň ýoly düşmeýän, aýagy sekmeýän bir ýeri gözläp tapalyň» diýip, mallaryny sürüp, dagyň içine göçüp gidipdirler.

Olar belent daglaryň içine suwuň akýan ugry bilen barypdyrlar. Dagyň üstüne çykyp, onuň arka ýüzüne düşüpdirler. Soňra ol ýerleri oňat aýlanyp görüpdirler. Özleriniň gelen ýolundan özge bu ýere hiç bir ýol ýokdy. Ol hem şeýle bir dar ýoldy, bir düýe ýa-da at örän kynlyk bilen ýörejekdi. Eger aýagyny sähel nädogry basaýsa, para-para bolup gidäýmelidi. Dagyň içindäki jülgäniň giňliginiň çägi ýokdy. Akar suwlar we çeşmeler, dürli-dümen otlar hem miweli daragtlar, her hili awlar köpdi. Bu ýeri gelip görenlerinden soň, olar Taňra köp şükür edipdirler. Gyşyna mallaryň etini iýipdirler, ýazyna süýdüni içipdirler. Bu ülkäniň adyna Ergenekon diýip at goýupdyrlar.

Kaýan bilen Tokuz (Gaýy bilen Dokuz oguz) ikisi bu ýerde kän zamanlar ýaşapdyrlar. Olaryň köp çagalary bolupdyr, Kaýanyň çagalary örän kändi. Tokuzyň bolsa çagalary ondan azdy. Kaýanyň öwladyna Kaýat diýipdirler. Tokuzyň öwladyna iki at goýupdyrlar. Birine tokuzlar, beýlekisine durulganlar diýipdirler. Köp zamanlar bu iki kişiniň nebereleri Ergenekonyň içinde ýaşapdyrlar. Uçlary uzapdyr, ýanlary ýaýylypdyr. Her jemagat başga-başga umak bolupdyr

we urug adyny göteripdir. Taňry buýursa, bularyň ählisini aýdyp geçmegimiz gerek. Umagyň manysy sungak (süýek-süňk) diýmekdir. Türk halky bir kişiniň aslyny sorasa «Umagyň näme?» diýer ekeni. Bu süýegiň näme diýmekdir.

Olar dört ýüz ýyldan gowrak Ergenekonyň içinde oturypdyrlar. Mallary hem özleriniň baş sany şeýle bir köpelipdir, soňabaka olar ol ýere sygmandyrlar. Şonuň üçin olar bir ýere ýygnanyp, geňeş edipdirler. Şonda olar: «Atalarymyzdan eşidipdik, Ergenekonyň daşynda-da giň ýerler, oňat ýurtlar bolmaly. Gadym zamanda ol ýerler biziň ýurdumyz ekeni. Tatar başlyklaýyn özge iller gelip, biziň urugymyzy gyryp, ýurdumyzy elimizden alan ekeni. Taňra şükür, indi bu eýýamda biziň başymyza olar ýaly agyr ýagdaý düşmez. Duşmandan gorkup, dag içinde gabalyp otyrys. Gowusy, daglaryň arasyndan ýol gözläp tapalyň-da, bu ýerden göçüp gideliň. Ergenekonyň daşynda kim biziň bilen dost bolan bolsa, olar bilen görşeliň, duşman bolsa göreşeliň» diýipdirler. Barçalar bu sözi makul bilip, çykmaga ýol gözläpdirler, emma amatly ýol tapmandyrlar. Ergenekonyň ilki gelenlerindäki suwuň akgyt ugry bolan geçit hem dagyň gaýasy ýykylyp, daş togalanyp tekizlenen ekeni. Ol zamanda bir demirçi ussa: «Bu dagyň bir gaýasynda demir käni bar, ol gaýa ýeke gata meňzeýär. Şol demir gaýany eretsek, ýol bolar» diýipdir.

Ol ýere baryp görüpdirler. Demirçiniň aýdan sözlerini makul bilipdirler. Dagyň şol gaýasyna bir gat odun, bir gat kömür üýşürip başlapdyrlar. Dagyň üstüni, aňry ýüzüni we bäri tarapyny şeýdip doldurypdyrlar. Soňra ýetmiş deriden körük ýasap, onuň ýetmiş ýerinde gurupdyrlar. Üýşürilen odunlary hem kömürleri ýakyp başlapdyrlar.

Hudaýyň gudraty bilen dag gyzandan soň, demir gaýa eräp akyberipdir. Dag böwsülipdir. Ýükli düýe geçer ýaly ýol açylypdyr. Şol keramatly ýylyň keramatly aýynyň keramatly gününiň keramatly sagadynda Göktürkler Ergenekondan çykypdyrlar. Olar şol aýy, şol güni, şol sagady gowy belläp alypdyrlar. Şondan soňra şol keramatly gün Göktürkler üçin uly baýram bolup galypdyr. Her ýyl şol gün gelende, uly toýlar tutulypdyr. Bu toýlarda bir bölek demri alyp, otda

gyzdyrypdyrlar. Soňra-da gyzdyrylan demri ilki Göktürküň hany gysaç bilen tutup, sandalyň üstünde goýup, çekiç bilen urupdyr. Ondan soňra beýleki türk begleri, ähli il-ulus ýaňky hereketi gaýtalap, baýramçylyk başlanypdyr.

Ergenekondan çykan mahallary Göktürküň hany Kaýan han (Gaýy han) neslinden bolan Börteçine ekeni. Börteçine ähli illere ilçi iberipdir we Ergenekondan çykyp gelendiklerini habar beripdir. Muny birnäçeler gowy görüpdirler, birnäçeler bolsa ýaman görüpdirler. Gowy görenler baş egip, boýun bolupdyrlar, gowy görmän garşy çykanlar bilen söweşipdirler. Göktürkler üstün çykypdyr.

## GURT ÝÜZI MÜBÄREK

Gurduň keşbi türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde ymykly orun alyp, ol henize – bu güne çenli ýaşap gelipdir. Ine, şonuň üçin il arasynda kimdir biriniň ogly bolsa, oglumyz boldy diýmegiň ýerine gurt tutduk diýýärler. Edenli, başarnykly, batyr, ugurtapyjy adamlary gurt ýaly diýip taryplaýarlar. Haýsydyr bir ýumşy bitirmäge bir ýere giden adam gaýdyp gelende, şol işiň ýerine ýetirilip-ýetirilmändigini biljek bolanlarynda, «Gurtmy, tilki?» diýip ondan habar alýarlar. Eger iş biten bolsa, onda ol «Gurt!» diýip jogap berýär. Gurt bilen baglanyşykly nakyllar, durnukly söz düzümleri we beýleki halk döredijiligi eserleri-de az däl.

«Oguznamalardyr» oguz dessanlarynda hem-de beýleki taryhy, edebi çeşmelerde türkmenleriň ençeme dessanlarynyň bolandygy, şolarda hem türkmenleriň oňony hasaplanan gurduň oguz hanlaryna, beglerine, serdarlaryna ýol görkezip gelendigi, olaryň başyna agyr iş düşende bolsa, kömege ýetişendigi barada gyzykly gürrüňler berilýär. Şeýle terzde beýan edilen eserleriň biri-de «Bozgurt» dessanydyr.

Beýleki Oguz dessanlarynda bolşy ýaly, «Bozgurt» dessanyna hem üýtgetmeler, gysgaltmalar girizilip, ol asyl durkuny saklap bilmändir. Onuň umumy sudury saklanyp galan hem bolsa, köp asyrlaryň geçmegi bilen, ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegi, täze döwletleriň, dini ygtykatlaryň peýda bolmagy bilen, eserde beýan edilýän wakalaryň, olara gatnaşýan gahrymanlaryň köpüsi unudylypdyr. Dessanyň mazmunynyň hytaý çeşmelerine düşenligi üçin, ýer-ýurt, adam atlary hytaý diliniň äheňinde ýazylyp, oňa bellibir derejede üýtgetmeler girizilipdir. Hatda olaryň hytaýça aýdylyp, hytaýça ýazylanlary-da bar. Şonuň üçin onuň aslynda nähili ýer-ýurt ýa-da adam ady bolandygyny, nähili manylary aňladandygyny takyklamak hem kyn

düşýär. Her halda, häzirki wagtda «Bozgurt» dessanynyň üç nusgasy bolup, onuň many-mazmunyny yzarlamaga, onda hereket edýän gahrymanlaryň kimler bolandygyny, wakalaryň çen-çak bilen haýsy döwre degişlidigini anyklamaga bellibir derejede esas bar.

Dessanyň birinji nusgasynda Hun ülkesiniň demirgazygynda So atly ýurduň bolandygy, şol ýurtda Göktürkmenleriň ýaşandygy, olaryň So ülkesinden aýrylandyklary, Pu atly hanynyň bolandygy aýdylýar. Bu nusganyň dowamyndaky wakalar şular ýaly umumy hem habar beriş äheňde beýan edilýär. Dessanyň asylky durkundan kän zat galmandyr. Onda hiç hili çeper beýan ediş tärleri ulanylmandyr diýen ýaly.

Dessanyň ikinji nusgasy, bellibir derejede, çeper hem kämil duýulýar. Onda gadym oguz dessanlarynyň çeper beýan ediş tärleri, hekaýaçylyk usuly azda-kände ulanylypdyr. Eserde Aşina döwletiniň döreýşi hakyndaky maglumat ýatlanyp geçilýär. Iň esasy hem şol döwürde oguz türkmenleriniň oňonynyň gurt bolandygy barada täsin maglumatlar berilýär. Bu aýdylanlar «Bozgurt» dessanynda beýan edilýän wakalaryň Göktürkmen döwletiniň dowam eden mahalynda bolup geçendigini habar berýär.

Göktürkmenler tarapyndan gurlan hem-de iki ýüz ýyla golaý wagtlap dowam eden şol döwlet barada Ruhnamada şeýle maglumat berilýär:

«Göktürkmen döwleti Oguz atanyň nebereleri, Hun taýpalarynyň dowamaty Bumyn han Kagan tarapyndan 552-nji ýylda binýat edildi. 745-de garlyklar hem uýgurlar tarapyndan ýykyldy. Iň gowy döwürleri Bilge hanyň döwürleridir, ol 683-nji ýylda dünýä indi. Kakasy Ilteriş Gutlug han, Göktürkmen döwletini täzeden gurdy. Bilge han 33 ýaşynda Göktürkmen döwletiniň beýik hany boldy. Döwlet oguz-türkmen döwleti bolup, ynançlary göktaňry dinidir. Döwlet adyny şol ýerden alypdyr, göktürkmenleriň manysy göge ynanan oguz, türkmen manysyndadyr. Bilge han özüniň oguzdygyny mazar daşyna ýazdyryp gidipdir: «Oguz ili meniň öz ilimdir».

Oguz-Orhon ýazgylarynda Göktürkmenleriň taryhyna degişli giňişleýin gymmatly maglumatlar berilýär. Olar VI-VIII asyr türkmen

taryhyny ýazmakda gymmatly çeşme bolup durýar. Soňky ýyllarda türkmen alymlary-da Oguz-Orhon ýazgylaryny öwrenmeklige girişip başladylar.

«Bozgurt» dessanynda Göktürkmen döwletiniň irki döwürde oguz nesilleriniň başdan geçiren taryhy wakalary-da yz galdyrypdyr. Onda türkmeniň nesilbaşysy Oguz hanyň ömür beýany we beýleki «Oguznamalaryň» käbir wakalary ýatlanyp geçilýär. Olaryň oňony bolan gurt Oguz hana hemişe ýol görkezip gezýär. Bu bolsa «Bozgurt» dessanynyň, onda gozgalýan meseleleriň türkmen halkynyň gadymyýetde başdan geçiren köp taryhy wakalardan syzylyp çykýandygyny, şeýle hem türkmen ruhunyň dürli ahwallar, maddy-ruhy gymmatlyklar bilen umumy bütewüliginiň bolandygyny aňladýar.

«Bozgurt» dessany ady bilen kitaplarda neşir edilen üçünji nusga has-da kän ýoýluşlary başdan geçiripdir. Dessanyň asyl durkundan kän zat saklanyp galmandyr diýen ýaly. Gaýta, tersine, ençeme asyr ondan öň, ýagny miladydan öňki 119-njy ýylda Hytaý hökümdary Çžan Keniň ýol ýazgylaryndan bir hekaýat alnypdyr. Ol hekaýat has irki döwürde oguz nesilleri tarapyndan döredilipdir, aýdyjylar, ozanlar tarapyndan halk arasyna ýaýradylypdyr. Ol hekaýatyň gurluşy «Bozgurt» dessanyna çalymdaş bolsa hem, birinjiden, dessan şekilini saklap bilmändir, ikinjiden, şol dessanyň temasynyň many-mazmunyny doly açyp görkezip bilmändir. Ol şeýle bir dessanyň bolandygyny habar bermek bilen çäklenipdir. Her halda, bu nusga hem «Bozgurt» dessanynyň ýaýrawynyň giň bolandygyny habar bermek bilen, geljekde şol syýahatçynyň bolan ýerlerinde eseriň doly hem kämil nusgasynyň tapylmagynyň ähtimaldygyny habar berýär.

Umumylykda alanyňda, bar bolan maglumatlar öz döwründe «Bozgurt» dessanynyň-da beýleki oguz dessanlary ýaly, kämil hem uly göwrümli eserleriň biri bolandygyny aňladýar.

# «BOZGURT» DESSANY

## Birinji nusga

Hun ülkesiniň guzaýynda (demirgazygynda) So ady berlen bir ýurt bardy. Bu ýerde gelip çykyşlary babatdan Hunlar bilen bir taýpadan bolan Göktürkler So ülkesinden aýryldylar. Ol zamanda Pu han atly bir ýigit olara baştutanlyk ederdi. Pu hanyň on alty dogany bardy. Ol on alty doganyň biriniň enesi weli gurtdy.

Göktürkleriň däbine görä, enesi mukaddes gurt hasaplanan hem-de şol ynam bilen gurt çagasy diýlip ykrar edilen ol ýaş ýigit ýellere we ýagyş-ýagmyra sözüni düşündirmegi başarardy. Olaryň ikisine-de onuň hökümi ýöreýärdi.

Şeýle ýagdaýda So ülkesindäki ýurtlaryndan aýry düşen Göktürkler duşmanlaryň çozuşyna duçar boldular. Bu bosgunda duşmanlar Göktürkleri bütinleý ýok etdiler. On alty doganyň bolsa, diňe birisi gutulyp bildi. Ol aman galan hem enesi gurt bolan ýaş ýigitdi.

Şol ýaş ýigidiň biri Ýaz Taňrysynyň, beýlekisi Gyş Taňrysynyň gyzy bolan iki aýaly bardy. Wagtyň geçmegi bilen, şolardan köpelen halk özleriniň iň beýikleriniň birini han saýladylar. Ol wagtlar onuň ady Göktürk dilinde däldi. Han seçilip-saýlanan zamanynda, ol Göktürk dilinde bolmadyk öňki adyny taşlady hem-de Türk adyny aldy.

Ondan soňra Türk han on aýal aldy. Örän kän çagalary boldy. Şolaryň içinde Aşyna adyny göterýän biriniň hanlyk tagtynda oturan zamanyndan soň bolsa, ol taýpanyň ady-da Aşyna bolup galyberdi.

## Ikinji nusga

Hunlaryň bir bölegi bolan, Aşyna adyny alan türk taýpasy Hazar deňziniň Günbatar tarapynda ýerleşýärdi. Olar türkleriň gadymy ata--babalary saýylýardy. Günleriň bir güni rahat hem asuda oturan halk duýdansyzlykda köp sanly duşmanyň çozuşyna duçar bolupdyr. Bu talaňçylykly çozuşdan soňra hiç kim aman galmandyr.

Her halda, bu bosgunda bir kiçijik çaga bir çetde ölmän galypdyr. Ony-da duşmanlar görüpdir. Ýöne şeýle ejiz hem kiçijik çaga bolany üçin, hiç kim ondan heder etmändir hem-de kän üns bermändir. Hatda içi ýangynlylar-da onuň deňinden geçip gidipdirler. Emma duşman ol çagany öldürmese-de, ýene-de ätiýajy elden bermän, onuň elini-aýagyny kesip taşlamaly diýen karara gelipdirler hem-de öz betniýetlerini amala aşyrypdyrlar.

Goly-aýagy kesilen, ýarym öli, ýarym diri halda galan ýaňky çagany äkidip, bir batgalykdaky gamyşlygyň içine zyňyp gidipdirler.

Şol wagt nireden çykany belli bolmadyk bir ene Bozgurt peýda bolupdyr hem-de çagany emdiripdir. Ýaralaryny ýalap, ony sagaldypdyr. Şol günden başlap, Bozgurt meýdandan aw awlapdyr. Getiren iýmitlerini iýdirip, ol çagany aýaga galdyrypdyr.

Wagtyň geçmegi bilen, Bozgurduň ulaldan çagasy güýçlenipdir.

Günleriň bir güni çozup, Aşyna taýpasyny ýok edip giden duşmanyň baştutany goluny-aýagyny kesip gamyşlyga taşlanyp gidilen çaganyň ýaşap ýörendigini eşidipdir. Ol ýörite öz adamlaryny ýollap, ýagdaýy anyk bilip, eger çaga ölmän sag galan bolsa, ony öldürmek isläpdir.

Duşmanyň baştutanynyň ýollan esgerleri gelende, goly-aýagy kesilen ýaş ýigidiň ýanynda bir ene Bozgurduň bardygyny görüpdirler. Howply ýagdaýy duýan ene Bozgurt dişleri bilen ýaş ýigidi mäkäm göterip, deňziň aňry tarapyna geçiripdir. Ol ýerde-de durman, göni Altaý daglaryna tarap göterip gidipdir. Şol ýerde ähli tarapy beýik daglar bilen gurşalan bir ýaýladaky gowaga ýerleşdiripdir.

Soňra ol ýaş ýigit ulalypdyr. Ol öýlenipdir. Onuň on ogly bolupdyr. Bozgurduň elten gowagynyň ýaýlasy al-ýaşyl öwsüp oturan ýer bolupdyr. Onuň sowuk suwy, miweli agaçlary, aw haýwanlary kän

eken. Oglanlar şol ýerde ulalypdyrlar. Olar hem öýli-işikli bolupdyr. Olaryň her birinden bir taýpa emele gelipdir. Şonuň biriniň ady-da Aşyna taýpasydyr...

Aşyna doganlarynyň içinde iň akyllysy, iň owadany hem iň ýigit çykanydy. Şonuň üçinem ol Türk hany boldy. Ol hiç haçan öz taýpasyny gözden salmady. Hemişe çadyryň öň depesinde gurduň kellesinden ýasalan tugy dikerdi.

Aradan köp ýyllar geçdi. Aşyna taýpasyna Asença atly başga bir ýigit han boldy. Onuň zamanynda Aşyna taýpasy öňki ýaşaýan ýerlerinden göçüp, has gözel ýurtlarda ýerleşipdirler.

## Üçünji nusga

Bu nusgada «Bozgurt» dessanynyň umumy sudury ýol ýazgysy görnüşinde saklanyp galypdyr. Miladydan öňki 119-njy ýylda Hytaý hökümdarlaryndan Çžan-Ken ýurduň demirgazygyna syýahat edipdir. Şonda ol gören-eşidenlerini ýazga geçiripdir. Syýahatçy ýol ýazgylarynda «Bozgurt» dessanyny şeýle beýan edipdir:

«Men Hun ülkesinde bolanymda, Usun hanynyň Gunmo lakamyny göterýändigini eşitdim. Gunmonyň kakasy Hunlaryň demirgazygyndaky bir ülkäniň eýesi eken. Gunmonyň kakasy bir söweşde Hunlar tarapyndan öldürilipdir. Ýaňy doglan Gunmony çöl-beýewana taşlapdyrlar. Guşlar çagany siňeklerden gorapdyrlar. Bir ene möjek bolsa ony emdiripdir. Hun hany muny görüp, geň galypdyr. Ýaňky möjek çaga eýe çykypdyr. Ony terbiýeläp ulaldypdyr. Soňra ony kakasynyň ýurduna gaýtaryp getirip beripdir».

## TÜRKMENIŇ GADYMY DESSANY

«Alp Är Töňňe» oguz türkmenleriniň iň gadymy döwürde dörеden milli dessanlarynyň biridir. Onuň doly görnüşdäki nusgasy bize gelip ýetmändir. Dessanyň dürli elipbiýlerde ýazylyp, dünýäniň dürli künçlerindäki golýazma hazynalarydyr kitaphanalarynda bilinmän ýatan bolmagy mümkin. Bu dessandan käbir parçalar hem-de ol hakda maglumatlar otparazlyk dininiň «Awesta» kitabynda, Firdöwsiniň meşhur «Şanama» eserinde, Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwan lugat it-türk» (Türki diliň sözlügi), Ýusup Has Hajyp Balasagunlynyň «Gut etgu bilug» – «Bagtly edýän bilim» atly kitabynda saklanyp galypdyr. Aslynda, epos hasaplanan bu eserden biziň günlerimize gelip ýeteni örän ujypsyz. Biziň çen-çak bilen takyklamagymyza görä, ol kyrk dört setir şygyrdan ybarat.

Her halda, şol şygyr setirlerine hem-de Alp Är Töňňe hakyndaky beýleki taryhy maglumatlara esaslanyp, aslynda bu eser hem edil «Gorkut ata», «Görogly» ýaly eposlaryň biri bolupdyr diýip aýtmaga esas bar. Birinjiden, elimizdäki şygyr setirlerinde berilýän maglumatlar Alp Är Töňňäniň edermen, batyr, gaýduwsyz, adygan serkerde, ile-güne özüni aldyran, sahy hem jomart, pähim-paýhasly, gaýduwsyz hökümdar bolandygyny habar berýär. Häzirki belli bolan şygyr setirleri uly göwrümli eseriň jemleýji setirlerine çalym edýär. Onda Alp Är Töňňäniň ölümine – agyr ýitgä il-gününiň, kowumlarynyň agysy, gynanjy beýan edilýär. Onda begler begi adyny alan, ilini aş-nan bilen doýran, hemişe üstlerine ýagy gelende, duşmanyň uly goşunyny derbi-dagyn eden gaýduwsyz batyryň ýetmiş ýaşynda aradan çykandygy, dünýäniň eýesiz galandygy, bu ýitgä gynanyp, halkyň ýaka ýyrtyp, uly ahy-nala çekendigi, gözlerden akan gözýaşlaryň gurap galandygy aýdylýar.

Ençeme müň ýyl mundan öň ýaşap geçen, halkyň hakydasynda gowy ýatlamalar galdyran, at-owazaly gahryman bolup dessana giren bu gaýduwsyz oguz serkerdesiniň keşbini açmaga ýardam edýän ýazgylar sözlükde başga-da az däl. Mahmyt Kaşgarly Alp Är Töňňe hakdaky eserden alnan parçalar bilen çäklenmän, öz kitabynyň dowamynda belli-belli sözlere düşündirişler berende, ol hakdaky maglumatlary peýdalanypdyr. Alym «Alp» sözüni ýigit, «Tunga» sözüni bolsa, babyr diýip düşündirýär. Sözlügi öwrenijiler ol sözi «Tonga», «Tunga» görnüşde ýazypdyrlar. R.Rejebow «Gadymy türkmen edebiýaty» atly kitabynda «Töňe» görnüşinde ýazypdyr. Biziň pikirimizçe, ol Töňňe bolmaly. Şeýlelikde, Mahmyt Kaşgarlynyň sözlüginde «Tunga babyr diýen haýwanyň ady bolup, gahrymanlara dakylýan at» diýen jümle tykyrama döredýär. Belki, aslynda alymyň: «Tunga, has takygy, Töňňe ata-babalaryň birligini, ata-babalaryň köküni, nesil daragtynyň köküni aňladýan söz bolup, ol gahrymanlara dakylýan at» diýen sözlerine golýazmany göçürijiler doly düşünmän, ony babyr diýip, üýtgedip goýberen bolmaklary mümkin. Häzirki durkuna ol Töňňe diýlip okalsa, maksada laýyk boljak. Sözlükde bu gahrymanyň parsça ady hem getirilýär: «Afrasýap – türkleriň Tonga Alp Är diýen milli we mifiki gahrymanynyň hem hakanynyň parsça ady».

Kaşgarlynyň sözlüginde «Gaz» sözüne berlen düşündirişde Alp Är Töňňä, umuman, türkmen halkynyň taryhyna, edebiýatyna dahylly gymmatly maglumatlar berilýär. Şu ýerde şol ýazgylar doly görnüşde getirilse, artykmaçlyk etmese gerek:

«Gaz – Afrasýabyň gyzynyň ady. Gazwin şäherini bu gurupdyr. Asly Gaz oýnudyr. Çünki Afrasýabyň gyzy ol ýerde mekan tutupdyr, ol ýerde ýaşapdyr. Türkileriň bir topary Gazwini türk ülkesiniň bir bölegi saýýarlar. Kum (Gum) şäheri-de onuň serhedi hasaplanýar. Çünki Kum sözi türkçedir. Bir toparlary türk serhediniň Maru şahyjandan başlanýandygyny söýleýärler. Çünki Gazyň kakasy Tunga Alp Är – Afrasýap bu ýeri Tahmures tarapyndan şäheriň içki galasy gurlandan üç ýüz ýyl soňra gurupdyr. Bu toparlary Mawerennahryň her iki tarapyny türk ülkesi saýypdyrlar. Bu Ýenikentden başlanýar. Ýenikendiň bir ady-da Dizruindir, sarylygy aňladýar. Bakyrgala diý-

mekdir. Bu ýeri Buhara ýakyndyr. Afrasýabyň gyzy Gazwiniň adamsy Syýawuş bu ýerde aradan çykypdyr».

«Gaz suwy» diýen söze berlen düşündirişde-de Afrasýabyň gyzy baradaky maglumat gaýtalanýar:

«Gaz suwy – Ila deresine akan uly bir çaý. Afrasýabyň gyzy bu çaýyň kenarynda bir şäher gurupdyr. Şoňa-da Gazwin diýip, öz adyny goýupdyr».

Görşümiz ýaly, bu ýerde Gazwin şäheriniň adynyň döreýşi başgarak düşündirilýär. Bu ýerde Gazoýny däl-de, Gazsuwy görnüşinde gelýär. Barybir, bularyň barysy-da Alp Är Töňňäniň gyzynyň adynyň «Gaz» diýen söz bilen bagly bolandygyny habar berýär. Belki, onuň ady Gazboýny şekilinde bolandyr. Sebäbi irki döwürlerde gelin-gyzlaryň boýunlarynyň uzyn bolmagy owadanlygyň nyşany hasaplanypdyr. «Gorkut atadaky» hanlar hany Salyr Gazanyň aýalynyň ady hem boýny uzyn Burla hatyn. Burla sugun, maral diýmek.

«Han», «kend», «tegin», «Çaruk», «Barçuk» we beýleki sözlere düşündiriş berlende-de Afrasýabyň hem onuň guran şäherleri, gezen ýerleri barada maglumatlar getirilýär:

«Han. Türkileriň beýik baştutany Afrasýabyň ogullaryna-da han diýipdirler. Afrasýap hakandyr. Bu adyň berilmeginde uzyn bir taryhy hekaýat bardyr».

«Kend – şäher. Bu sözden Kaşgarda dörän bir şähere Ordukent diýerler. Çünki Afrasýap howasynyň gowulygy sebäpli, bu ýerde oturypdyr. Bu ýeri Aşaky Çindir».

«Çaruk. Türkileriň bir oba ady bolup, ol Barçuga golaýdyr. Barçuk Afrasýabyň guran şäheridir».

Bu getirilen mysallar Alp Är Töňňäniň öz döwründe örän uly döwlet gurandygyny, kän şäherleri bina edendigini, olara özüniň hem nebereleriniň atlaryny dakandygyny habar berýär.

Mahmyt Kaşgarlynyň sözlügi bilen bir döwürde ýazylan Ýusup Balasagunlynyň «Gut etgu bilig» – Bagtly edýän bilim atly eserinde hem Alp Är Töňňe ýatlanyp geçilýär. Alym Alp Töňňäniň täjikler arasynda Afrasýap ady bilen adygandygyny ýatladyp, onuň diňe bir adygan, edermen gahryman däl, eýsem il-halkyny söýen, ylymly-bi-

limli, pähim-paýhasly, görnükli hökümdar bolandygyny-da tekrarlap geçipdir:

Indi alyp görsek türk beglerini,
Türk begleriniň ýene ýeglerini.

Ol türk begleriniň ady bellisi,
Alp Är Töňňe erdi bagty ulusy.

Bilimi uludy, hünäri bardy,
Pähimli-paýhasly, il halar ärdi.

Täjikler at goýdy Afrasýap diýip,
Bu Afrasýap ötdi ilini söýüp.

Firdöwsiniň meşhur «Şanama» atly eserinde Alp Är Töňňe esasy gahrymanlaryň biri bolup göreş alyp barýar, onuň ömür beýany, alyp baran gahrymançylykly söweşleri barada degerli maglumatlar berilýär. Bu eserde gyzykly rowaýatdyr hekaýatlar bilen birlikde şondan öňki hem şol döwre degişli ynamdar taryhy maglumatlar utgaşdyrylan görnüşde çeper beýan edilýär. Firdöwsiniň bu eseriniň müň ýyla golaý mundan öň ýazylmagy, şeýle hem onda özünden öňki döwre degişli ýazuw ýadygärlikleriniň, ýagny irki taryhy, edebi çeşmeleriň, golýazmalaryň peýdalanmagy, onda berilýän maglumatlaryň, ýöredilýän pikirleriň ygtybarlylygyny artdyrýar. Şeýle hem «Şanamada» ulanylan maglumatlar şahyryň elinde Alp Är Töňňä degişli hem gymmatly ýazuw ýadygärlikleriniň bolandygyny hem-de olardan geregiçe peýdalanandygyny habar berýär.

Firdöwsiniň «Şanamasynda» Alp Är Töňňäniň ady Afrasýap görnüşinde atlandyrylyp, onuň ömür beýany barada takyk maglumatlar berilýär. Şonda onuň üç arkasy şeýle yzygiderlilikde görkezilýär: Afrasýabyň garry atasy Zadşem, Zadşemiň ogly Tur, Turuň ogly Peşeng, Peşengiň ogly Alp Är Töňňe (Afrasýap). Alp Är Töňňäniň Gersiwez hem Agrires atly iki dogany bolupdyr. Agriresiň ady gysgaldylyp, Agrir görnüşinde hem ulanylypdyr. Alp Är Töňňäniň ka-

kasy Peşengiň Wis atly dogany bolup, onuň hem ogullary Pirana hem Barman diýlip atlandyrylypdyr.

Belli alym S.M. Mutallibow Alp Är Töňňäniň Maru şahy-jan, Barsagan atly ogullarynyň bolandygyny habar berýär.

Alp Är Töňňe «Şanamanyň» ençeme baplarydyr bölümlerinde bolup geçýän wakalara gatnaşýar. Olardan: «Afrasýabyň Eýrana ýörişi», «Afrasýabyň Nowzer bilen söweşi», «Nowzeriň Afrasýap bilen ikinji söweşi», «Nowzeriň Afrasýaba ýesir düşmegi», «Afrasýabyň Eýrana hüjümi», «Nowzeriň Afrasýabyň elinden heläk bolmagy», «Zal Afrasýaba garşy söweşe çykýar», «Rüstemiň Afrasýap bilen söweşi», «Afrasýabyň kakasynyň ýanyna gelmegi» atly bölümleri we beýlekileri görkezmek bolar. Bu bölümlerde ençeme uly söweşler suratlandyrylyp, şolarda Alp Är Töňňäniň, onuň kakasynyň, doganlarynyň, belli-belli pälwanlaryň görkezen gahrymançylyklary, duş gelen şowsuzlyklary birin-birin beýan edilip, onuň kowumlarynyň, dogan-garyndaşlarynyň, edermen, batyr, gaýduwsyz ýigitleriniň edermenlikleri barada-da maglumatlar berilýär.

Türkmen topragynyň erkinligi, garaşsyzlygy ugrunda Afrasýabyň alyp baran söweşleriniň köpüsi Kaspi deňziniň kenarynda, Dehistan düzlüginde, Etrek, Gürgen sebitlerinde, Garagumuň deňze golaý serhetlerinde bolup geçýär.

Alp Är Töňňe hem onuň kakasy Peşeng Eýran şalary Menuçehriň, Nowzeriň, Gerşaspyň, Keýkubadyň, Keýkowsuň döwründe Turanyň erkinligi ugrundaky alnyp barlan söweşlere gatnaşýarlar. Şol söweşleriň köpüsi Garagumuň günortasynda, Balkan töwereginde, Dehistan düzlüginde, Etrek, Gürgen, Mazendaran sebitlerinde bolup geçýär.

«Şanamada» Alp Är Töňňe Turanyň beýik akyldary hem-de iň güýçli gahrymany hasaplanýar. «Awestada» bolsa onuň Eýran şalygyna dalaşgärlik edendigi aýdylýar. Alp Är Töňňe Eýranyň hökümdary Nowzer hem onuň legendar gahrymany Rüstem bilen üç sapar gazaply söweşe girýär. Şonda ol hatda atasynyň gazanyp bilmedik ýeňişlerini-de gazanýar. Onuň Nowzer bilen bolan soňky iki başa-baş söweşi has-da gazaply bolýar. Ilkinji tutluşykda Nowzeriň güýji as-

gyn gelýär. Ol uly gam-gussa batýar. Iki tarap hem iki gün dynç alyp, üçünji gün söweş başlanýar.

Alp Är Tõňňäniň deňiz ýaly tolkun atyp, aňyrsy-bärsi görünmeýän goşunyny görüp, Nowzeriň howy basylýar. Diňe özi hem däl, hatda söweş başlananda onuň serkerdeleri-de ýaýdanyp durýarlar. Onuň Karen atly serkerdesi bolsa söweşden gaçyp gidýär. Nowzeriň özi bolsa Alp Är Töňňä ýesir düşýär, şol ýerde-de ol heläk bolýar. Şondan soňra Al Är Töňňe «Beýleki ýesir düşenleri öldürmeli däl» diýip buýruk berýär hem-de şeýle sözleri aýdýar:

– Sowut geýip, at üstünde bolan esgerler öldürilýär. Ýesir düşüp, garawsyz galan esgerleriň nähak ganyna galmak bize uslyp däldir, ol biziň üçin peslik bolar.

Alp Är Töňňäniň bu sözleri onuň pähim-paýhasly, dana, ynsanperwer gahryman bolandygyny görkezýär. Ol ýetmişden gowrak ýaşandan soň, söweşlerden çetleşmeli diýen karara gelýär. Şonda ol öz ýakyn dogan-garyndaşlaryna, serkerdelerine, batyr ýigitlerine ýüzlenip, hiç wagt duşmana äsgermezlik etmeli däldigini ýatladyp, öz garşydaşy, ýaş Rüstemiň pähim-paýhasyna, gaýduwsyz, batyr gahryman bolup ýetişjekdigine uly ynamynyň bardygyny aýdyp, oňa ýokary baha berýär:

– Samyň söweşjeň agtygy Rüstem äpet pälwan bolup, deňziň gaharjaň aždarhasyna meňzeýär. Ol pil ýaly güýçli, ýolbars ýaly gaýduwsyz. Ol akyla, pähim-paýhasa-da gulak asman durmaýar. Ýöne, köplenç, güýje, gahar-gazaba daýanýar.

Afrasýap sözüni jemläp, uruşlaryň adamzada hiç bir üstünlik getirmeýändigini aýdyp, hemmelere ýaraşygyň, ylalaşygyň ýollaryny gözlemegi maslahat berýär.

«Şanamanyň» belli gahrymanlarynyň biri Syýawuş kakasy Keýkowusdan öýkeläp, Afrasýabyň tarapyna geçýär. Afrasýap ony gowy garşylaýar hem-de Ferengis atly gyzyny oňa nikalap berýär. Ýöne soň dogany Gersiweziň gep gezdirmegi, töhmet atmagy bilen, olaryň arasy bozulýar. Ol köp babatlarda giýewisine betgüman bolýar. Ahyrda-da onuň janyna kast edýär. Bu ýagdaý Eýran bilen Turanyň

arasynda uly çaknyşyklaryň döremegine getirýär, iň soňunda-da Afrasýap Rüstemiň uran zarbasyndan heläkçilige uçraýar.

Alp Är Töňňäniň – Afrasýabyň kysmaty Göroglynyň ömrüniň ahyrky pursatlaryny biygtyýar ýadyňa salýar. Ol agyr söweşleri başdan geçirip, örän ýorulýar. Üstesine-de, garrylyk hem ýetişýär. Ol ýetmiş iki ýaşa gadam basýar. Goşuny dargaýar, ýanynda esger galmaýar. Şonda ol söweş meýdanyndan gara başyny aman gutaryp, daglaryň içine çekilýär. Şol ýerde bir gowakda ýaşap başlaýar. Emma bu uzaga çekmeýär. Duşman aňtap, onuň bolýan ýerini bilýär. Yzyndan kowgy ýetende, ol suwa böküp gutulmak isleýär. Emma bu hem başa barmaýar. Ine, şeýle ýagdaýda Alp Är Töňňäniň ömür beýany tamamlanýar.

Hywa hany Abulgazy Bahadur han «Şejereýi-teräkime» («Türkmenleriň nesil daragty») atly kitabynda Alp Är Töňňe barada gyzykly hem gymmatly maglumat beripdir. Ol öz eseriniň «Seljuk begleriniň beýany» diýen bölüminde Togrul begiň, Alp Arslanyň, Mälik şanyň, Soltan Sanjaryň atlaryny getirip, olaryň Afrasýabyň neslinden bolýandyklary barada öz aýdan sözlerini getirip, şeýle maglumat beripdir:

«Biz anyň ogullary we Efrasýab neslinden bolurmyz, tiýp, atalaryny sanap, otuz bäş arkada Efrasyýabga ýetgürdiler» (Abulgazy Bahadur han. Şejereýi teräkime. Aşgabat, «Ylym» 1992, 88-nji sah.).

Bu gaýduwsyz gahryman Alp Är Töňňäniň ömür beýany biziň ata-babalarymyzyň geçmişi. Ony biziň öwrenmegimiz, bilmegimiz gerek. Olar hemişe erkinlik, garaşsyzlyk ugrunda göreş alyp barypdyrlar. Gahrymançylygyň, edermenligiň, ruhubelentligiň gowy nusgalaryny nesillere miras galdyrypdyrlar. Watany, il-halkyny söýmegiň, ynsanperwerligiň adamzada nähili derwaýysdygyny öz başdangeçirmeleri bilen aýan edipdirler. Alp Är Töňňäniň Turan ýurdy, türk dünýäsi, şol sanda oguz türkmenleriniň ýurdunyň abatlygy ugrunda alyp baran gahrymançylykly göreşleri çeper döredijilige düýpli ornaşypdyr. Ýöne şeýle uzak heňňamlaryň geçmegi, ýüzlerçe döwletleriň döräp, ýene-de dargamagy, durmuşda köp öwrülişikleriň bolup geçmegi netijesinde, ol doly saklanyp galmandyr. Belki, geljekde «Alp Är Töňňe» dessanynyň arap elipbiýinden öňki elipbiýlerde ýa-

zylan ýazgylarynyň tapylmagy mümkin. Belki-de, ol hakdaky beýleki dillerde bolan çeşmeleriň üsti açylar. «Agtaran tapar» diýipdirler.

Taryhy ýazgylaryň habar bermegine görä, Peşengiň ogly Alp Är Töňňe – Afrasýap uzyn boýly, gollary we göwsi arslanyňky dek kuwwatly we pil kibi güýçli bir görmegeý gahryman ýigit bolupdyr.

Belli alym Zeki Weledi Toganyň hasaplamasyna görä, Alp Är Töňňe miladydan öňki VII asyrda Orta Týanşanyň golaýynda dörän hem-de şondan Orta Aziýany, hatda Kawkazyň bir bölegini öz içine alan Aka döwletiniň hökümdary bolupdyr. Bu görkezilen seneden çen tutsaň, onda Alp Är Töňňe, takmynan, 2700 ýyl mundan öň ýaşap geçipdir diýip çak etmek mümkin. Eger şeýle bolsa, ol hakdaky eserler ýitip gidäýmän, nädip bu güne çenli saklanyp galdyka?! Ol hakdaky häzirki bize gelip ýeten şygyr setirleri hem 2700 ýyl mundan ozal ýazylypdyr diýip aýdyp bolmaz. Sebäbi olaryň Oguz–Orhon ýazgylaryndan soň döredilendigini beýan ediliş usuly-da, onda ulanylan sözler-de, ýöredilýän pikirler-de kepillendirýär. Olar aňry gitse, Mahmyt Kaşgarlynyň sözlügini ýazanyndan iki-üç ýüz ýyl öň dörän bolmaly. Biziň pikirimizçe, aslynda Alp Är Töňňe dessany gadym türki, has takygy, gadym oguz türkmenleriniň dilinde döredilip, ondan soňky iki müň ýyldan gowrak wagtyň dowamynda onuň dili, döwrüň talaplaryna görä, täzelenip, timarlanyp, üsti ýetirilip gelipdir. Ol mundan 2700 ýyl öň, pars diline-de geçirilipdir diýip çak etse bolar. Sebäbi ondan parçalar «Awestada» berlipdir, Firdöwsi-de ol hakdaky maglumatlary ýazuw çeşmelerinden alyp, öz eserinde peýdalanypdyr. Mahlasy, «Alp Är Töňňe» dessany uzak döwrüň dowamynda ýazuwly görnüşde saklanyp gelip, il arasynda halk döredijiligi eseri halynda hem giňden ýaýrapdyr. Ylym-bilimiň, aňyýetiň, çeper döredijilik tärleriniň ösmegi, jemgyýetiň özgermegi, täze has kämil eserleriň peýda bolmagy netijesinde, ol halk arasyndaky öňki meşhurlygyny saklap bilmändir. Netijede, täze talaplara bäs gelip, okyjylaryň ösýän isleglerini kanagatlandyryp bilýän «Oguznamalar», «Gorkut ata», «Görogly» eposlary peýda bolupdyr. Ýöne şonda-da «Alp Är Töňňe» dessany doly ýitip gitmändir. Bu eser biziň döwrümizde – Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk zamanynda has-da möhüm ähmiýete eýe

bolup durýar. Ol türkmeniň taryhynyň gadymyýetden – bäş müň ýyldan-da irki döwürden başlanýandygyny, türkmenleriň şol zamanlarda-da dünýä ýaň salan uly döwletleri gurandygyny, onuň beýik ruhy sütünleriniň bolandygyny, ylym-biliminiň, özboluşly edebiýatynyň, medeniýetiniň, sungatynyň dowam edendigini habar berýär.

## «ALP ÄR TÖŇŇE» DESSANY

Dessandan saklanyp galan bu bentler Mahmyt Kaşgarlynyň sözlüginden alyndy.

Alp Är Tunga öldimu?
Ysiz ajun kaldimu?
Özlek öjin aldymu?
Emdi ýürek ýyrtylur.

Özlek ýarag közetti,
Ogryn tuzag uzatty,
Begler begin azytty,
Kaçsa kaly kurtulur.

Begler atyn urgurup,
Kadgu any tar guryp,
Meňzi, ýüzi sargaryp,
Körküm andag türtülur.

Uwlşup eren börleýu,
Ýyrtyp ýaka urlaýu,
Sygryp üni ýyrlaýu,
Sygtap közi örtülür.

Köňlüm için örtedi,
Ýetmiş ýaşyg kartady,
Keçmiş ödig irtedi,
Tün kün keçip irtelur.

Ärdi aşun taturgan,
Ýawlag ýagyg kaçyrgan,
Ugrak susun gaýtargan,
Basty ölüm agtarur.

Ögreýügi mundag ok,
Munda adin tildag ok,
Atsa ajun ugrap ok,
Taglar başy kertilur.

Atsa ogyn kazgarib,
Kum Turany jyýdaçy,
Taýyý atyb oýrasa,
Özi goç dek atylur.

Ödlek arig kewredi,
Ýunçig ýawuz tawradi,
Erdem ýime sawradi,
Ajun begi çeprtilur.

Ödlek küni tawratur,
Ýalnguk küçin kewretir,
Erdem ajun sewritür,
Kaçsa taki artilur.

Bilge bügü jynçydy,
Ajun aty jançydy,
Erdem eti tynçydy,
Ýirge tegip sürtülur.

Terjimesi:

Alp Är Töňňe öldümi?
Dünýä ýalňyz galdymy?
Pelek öjün aldymy?
Indi ýürek ýarylar.

Pelek ýarag gezetdi,
Ogryn duzak uzatdy,
Begler begin azaltdy,
Gaçsa neneň gutular?

Begler atyn ýorguryp,
Gaýgy oňa tor gurup,
Meňzi, ýüzi sargaryp,
Görki andag bozular.

Uwlap ärler bozlaşar,
Ýyrtyp ýaka orlaşar,
Çykyp üýni çyrlaşar,
Gurap gözi örtüler.

Köňlüm için örtedi,
Ýetmiş ýaşap gartady,
Geçmişini istedi,
Tün-gün geçip erteler.

Ärdi aşlar dadyran,
Agyr ýagy gaçyran,
Bosgun-goşun gaýtaran,
Basdy ölüm agtarar.

Ögreigi mundak ok,
Munda öten tyg dek ok,
Atsa biri ugran ok,
Daglar başy kertiler.

Atsa okun gezeýip,
Kim,Turany ol söýüp,
Ugrasa haýbat atyp,
Özi goç dek atylar.

Pelek kän ejiz indi,
Sansyz bozgak güýçlendi,
Ylym bir ýan sowruldy,
Begler dünýeden öter.

Pelek güni çalt geçer,
Ynsanyň güýji gaçar,
Äriň ady-da öçer,
Gaçsa-da ölüm tutar.

Bil, häkim ejiz galdy,
Dünýä ýüzi bozuldy,
Ylym manysyz boldy,
Ýere garylar gider.

## TUMARYŇ GAHRYMANÇYLYGY

Türkmen edebiýatynyň ençeme müň ýyllary öz içine alýan taryhynda harby-gahrymançylykly eserler uly orun tutýar. Türkmen ruhunyň bäş eýýamynyň köpüsinde şu ýagdaýyň saklanyp gelendigini görmek bolýar. Oguz han eýýamynda ençeme gahrymançylykly oguz dessanlary döredilen bolsa, Gorkut ata eýýamynda türkmen halkynyň erkinlik, garaşsyzlyk ugrunda alyp baran göreşleri meşhur «Gorkut ata» eposy bilen bir hatarda ençeme «Oguznamalarda» öz beýanyny tapypdyr.

Görogly eýýamynda bolsa türkmen dünýäniň çar künjüne ýaýraýar. Bu eýýamda «Görogly» eposy bilen birlikde Jahanşa Hakyky, Burhaneddin Siwasly, Şa Ysmaýyl Hataýy, Baýram han ýaly serkerde şahyrlar edebiýat meýdanyna geldi. Olar harby-gahrymançylygyň görelde alarlyk nusgasyny görkezipdirler.

Türkmen ruhunyň Magtymguly eýýamynda bolsa Gurbanaly Magrupy, Seýitnazar Seýdi, Gurbandurdy Zelili ýaly serkerde şahyrlar erkinlik ugrunda göreşipdirler. «Ýusup-Ahmet», «Döwletýar», «Hojamberdi han» ýaly dessanlar döredilipdir. Elbetde, bularyň ählisi Oguz han eýýamyndan, ondan hem irki döwürlerden gözbaş alyp gaýdýar.

Irki döwürlerde türkmen gelin-gyzlary-da özleriniň ýanýoldaşlary, jana-jan doganlary bilen bir hatarda ene toprak, ata Watan ugrunda alnyp barylan göreşlere gatnaşypdyrlar. Uly gahrymançylyklar görkezipdirler. Muny türkmeniň geçmişine ser salan mahalyňda aýdyň görmek bolýar. Türkmen gelin-gyzlary Oguz han, Gorkut ata eýýamlarynda has-da erkin bolupdyrlar. Bu eýýamlarda zenanlardan bolan ençeme gahrymanlaryň atlary duş gelýär. Şolaryň has adyganlarynyň

biri-de çarwa türkmenleriniň (massagetleriň) patyşasynyň aýaly Tumar şa bolmaly.

Tumar hem Zaryna, Burla hatyn, Syljan hatyn, Banu Çiçek, Saýat han ýaly türkmen gelin-gyzlarynyň biri bolup, ýurduň azatlygy, erkinligi ugrunda göreş alyp barypdyr. Ol Garagum çölüniň jümmüşinde, Amyderýanyň gadym akym ugry bolan Uzboýuň boýunda çet ýurt basybalyjylaryny derbi-dagyn edip, uly ýeňiş gazanýar. Ol ýeňiş hakda dürli dillerde ençeme öwgüler, aýdymlar, hekaýatlar, rowaýatlar, dessanlar peýda bolýar. Şol ýeňşiň dabarasy, oňa baştutanlyk eden serkerde Tumar şanyň keşbi iki ýarym müň ýylyň dowamynda halkyň hakydasynda saklanyp gelipdir. Onuň ady taryhyň sahypalarynda-da ymykly orun alypdyr. Şolaryň birem Gerodotyň «Taryh» atly kitaby bolmaly.

Tumar şa miladydan öňki 530-njy ýylda pars patyşasy Kuruşyň, käbir çeşmelerde Kurowuş hem diýlip atlandyrylýar, agyr goşunyny derbi-dagyn edýär hem-de uly gahrymançylyk görkezýär. Şol taryhy ýeňişden kyrk ýyl geçenden soň, ýagny miladydan öňki 490-njy ýylda, Kiçi Aziýanyň günorta-günbatarynda Galikarnass şäherinde Gerodot dogulýar. Ol 435-nji ýylda Italiýanyň günortasyndaky Afiny şäherinde aradan çykýar. Belli taryhçy pars ýurtlarynda, Orta Aziýada syýahatda bolmadyk hem bolsa, bu ýerlerde bolup geçen taryhy wakalar bilen ýakyndan gyzyklanypdyr. Ol ýaşlykdan başlap, Ýewropanyň, Aziýanyň, Afrikanyň köp ýurtlaryna uzak syýahatlar edipdir.

Tumar şanyň gazanan ýeňşiniň Gündogar ýurtlarynyň arasynda giňden ýaýramagy, şonuň ýaly-da onuň dünýä meşhurlygyna eýe bolan taryhçy Gerodotyň ünsüni özüne çekmegi, haýsydyr bir tötänlik däl. Bu babatda ilkinji nobatda bir zady belläp geçmek gerek. Ol hem şol söweşde Tumar şanyň adalatyň, hakykatyň tarapynda durup, öz ýurdunyň garaşsyzlygy, azatlygy ugrunda ruhubelentlik, merdanalyk, gaýduwsyzlyk bilen gahrymanlarça göreş alyp barmagydyr. Üstünlikden başy aýlanan, gözi gyzaran Kuruş bolsa hiç bir sebäpsiz, hiç hili esassyz parahat oturan il-günüň üstüne çozuş edýär. Bu ýagdaýy Gerodot hem öz kitabynda belläp geçipdir. Ol bu hökümdaryň dogluşy, tagta çykyşy, şalyk sürşi, soňra bolsa onuň Gündogaryň kän ýurt-

laryny zorluk bilen basyp alşy baradaky hekaýatlarynda onuň adyllyk bilen ýurt dolandyrmandygyny, hemişe hile-pirime ýüz urup, gara güýjüne baýrynyp gelendigini görkezipdir. Onuň berýän maglumatlaryna görä, Kuruşyň ejesi Midiýanyň şasy Astiagyň gyzy Mandane, kakasy bolsa Kambis atly pars bolmaly.

Kuruşyň babasy Astiagyň gyzy Mandanyň, ondan bolan Kuruşyň dogluşy, olaryň ýaşlygy barada gorkuly düýşler görýär. Şonuň üçin ol Kuruşdan dynmak barada aýgytly hereket edýär. Emma ol doly başa barmaýar. Şondan soňra şa Kuruşy özünden daşlaşdyrmak üçin, ony pars ýurduna ýollaýar. Şol ýerde-de ol bagty getirip, tagta çykýar. Gündogaryň köp ýurtlaryny öz golastyna geçirýär. Babyly (Wawilony) basyp alandan soň, Hazar deňziniň gündogarynda, Amyderýanyň boýunda ýazylyp-ýaýrap ýatan düzlüklere, çarwaçylyk hem ekerançylyk bilen meşgullanyp ýören türkmenleriň, ýagny Tumar şanyň şalyk sürýän ýurduna göz gyzdyryp başlaýar. Ol bu ýurda etjek ýörişinde şowsuzlyga uçrajakdygyny, täleýiniň ters geljekdigini düýşde görýär.Ýöne ol şonda-da ýüregine düwen bet niýetinden el çekmeýär.

Başda ol mekirlik bilen, Tumara öýlenmek meýliniň bardygy baradaky habar bilen, onuň ýanyna ýörite adam ýollaýar. Emma Tumar onuň esasy maksadynyň öýlenmek däl-de, öz ýurduny basyp almak, gul etmekdigini bada-bat duýýar hem-de onuň bu pikiri bilen ylalaşmaýandygy barada çürt-kesik jogap berýär.

Şondan soňra Kuruş Garaguma ýöriş etmeli diýen karara gelýär. Ol ýene-de hile hem mekirlik agtaryp ugraýar. Öz ýakyn adamlaryny ýygnap, Tumar bilen öz ýurdunyň içinde söweşe girmelimi ýa-da massagetleriň ýurdunda, ýagny Garagumuň jümmüşinde çaknyşmalymy diýen meseläni goýýar. Uzak maslahatlardan soňra, Uzboýdan ötüp, massagetleriň ýurdunda söweşe girmeli diýen netijä gelýärler. Kuruş munuň bilen hem kanagatlanman, ýene-de tilki mekirligini edip, aldaw bilen Tumar şanyň kän goşunyny gyrgyna berýär hem-de onuň ogluny ýesir edip alýar. Tumar şa sowukganlylyk bilen Kuruşdan ogluny gaýdyp bermegini, şeýle hem uruş-dawasyz öz ýurdundan çykyp gitmegini talap edýär. Ol eglişige gelmeýär. Gaý-

ta tersine, haýynlyga ýüz urýar. Tumar şanyň bigünä oglunyň janyna kast edilmegine sebäpkär bolýar. Bu ajy habary eşidenden soňra, Tumar şa duşmana berk gaýtawul bermeli diýen karara gelýär. Ol şonda duşmany derbi-dagyn edip, öz ýurduny azat etjekdigi barada Taňrydan ant içýär. Ol öz beren sözüniň, içen antynyň aňryýany bilen hötdesinden gelmegi başarýar. Ol öz ýanýoldaşynyň şalyk süren ýurdy bolan Garagumy duşmanlardan azat edýär. Özünem uly ýurdy dolandyryp gelen parasatly hem batyr adamsynyň, dag ýaly merdana oglunyň ýanynda ýoklugy üçin ejizlemän, gahrymanlarça söweşip, ýeňiş gazanýar. Şonda ol ene toprakdan, oguz ruhundan, töweregine jemlenen il-halkyndan, edermen esgerlerinden, belent pähim-paýhasdan güýç-kuwwat alýar.

Gerodotyň «Taryhynda» Tumar şanyň keşbi pähim-paýhasly, parasatly, ynsanperwer, özüne göwni ýetýän, batyrgaý zenan görnüşinde suratlandyrylypdyr. Dogrudan hem, Tumaryň ruhy dünýäsi oguz ýaşaýşy, oguz edim-gylymlary, oguz ruhy, oguz däp-dessurlarynyň ýörelgeleri esasynda kemala gelipdir. Bu merdana zenan duşmana garşy alyp baran söweşlerinde hiç bir hile-pirime, aldawa ýüz urmaýar. Duşmany aldaw arkaly ýeňmegi ýadyna-oýuna-da getirmeýär. Ol öz pähim-paýhasyna, öz güýjüne, öz başarnygyna bil baglaýar.

Gerodotyň «Taryh» kitabyny neşire taýýarlaýjylar massagetler, şol sanda Tumar şanyň ýeňşi baradaky wakalary beýan edende, ýazaryň pars, akad hem skif-ellin çeşmelerinden peýdalanan bolmagy mümkin diýip bellik edipdirler. Taryhçynyň wakalary teswirlemekde haýsydyr bir maglumata esaslanmalydygy öz-özünden düşnükli. Ýöne Gerodotyň şol çeşmeleriň haýsysyny esas edinip alandygyny anyklamak has-da gyzykly. Biziň pikirimizçe, ilkinji nobatda, ol şol döwürde çarwa türkmenler tarapyndan Tumar şa hakda döredilen dessany saýlap alan bolmaly. Sebäbi, birinjiden, gazanylan ýeňşi ýeňiş gazanan halkdan gowy bilýän başga bir halk bolmaly däl. Ikinjiden, şol gazanylan ýeňiş hakda düýpli bir gahrymançylykly eser-epos ýazylmaly. Bu oguz edebiýatynyň ýörgünli däpleriniň biri hasaplanýar. Üçünjiden, bu taryhy ýeňişden altmyş-ýetmiş ýyl geçip-geçmänkä, Gerodot ony taryha girizýär. Wakalaryň yzygiderli, gyzyk-

ly hem çeper beýan edilmegi, aýry-aýry gahrymanlaryň keşpleriniň suratlandyrylyşy, ruhy dünýäsiniň giňden açylyşy onuň çeper eserden peýdalanandygyny habar berýär. Galyberse-de, söweşiň aýgytly pursatlarynda Tumar hem onuň tarapdarlaryna taryhçynyň duýgudaşlyk bildirýändigini hem bu aýdylanlaryň üstüne goşmak bolar.

Gerodot bu gahrymançylykly, şanly ýeňiş hakdaky söhbedini Tumar şanyň sözleri bilen tamamlaýar hem-de oguz zenanynyň edermenligi, gahrymançylygy hakda ildeşlerinden eşiden maglumatlaryny Kuruşyň pajygaly täleýi hakdaky maglumatlaryň iň ygtybarlysy hasaplaýar. Nebsimiz agyrsa-da, Tumar şanyň beýik ýeňşi hakdaky dessan dolulylygyna, hatda bölek-büçek görnüşinde-de biziň günlerimize gelip ýetmändir. Ýogsam, ondan iki-üç asyr öň ýaşap geçen Alp Är Töňňe (Afrasýap) hakyndaky dessanynyň soňky bölümlerinden 10-11 bent goşgy Mahmyt Kaşgarlynyň sözlügine girip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ol hakda belli şahyr hem akyldar Ýusup Has Hajyp Balasagunly, Mahmyt Zamahşary, Omar Haýýam dagy hem azda-köpde maglumatlar beripdirler.

Soňky ýyllarda Tumar şa hem onuň gazanan gahrymançylykly ýeňşi türkmen alymlarynyň ünsüni özüne çekip başlady. Belli gadymyýeti öwreniji taryhçy, arheolog alym Hemra Ýusubow düýpli barlaglar esasynda Tumar şanyň gazanan gahrymançylykly ýeňşiniň bolup geçen ýerini anyklap, şeýle ýazýar: «...Tumar şanyň baştutanlygynda türkmenler – massagetler bilen Kuruşyň we Daruş bilen türkmenleriň (saklaryň-massagetleriň) aralarynda bolan söweşler çölüň gyrynda, ýagny Uzboýuň orta akymynda ýerleşen «Garrygeçidiň» sebitinde bolup geçipdir».

Geljekde bu uly taryhy wakany öwrenmek işine beýleki alymlarda goşulyşarlar diýip umyt edýäris.

Gerodotyň «Taryh» atly meşhur kitabynda Tumar şa hem onuň ýeňşi hakdaky berlen maglumatlary ol hakda döredilen dessanyň sudury görnüşinde okyjylaryň dykgatyna ýetirmegi makul bildik.

# «TUMAR ŞA» DESSANY

Pars patyşasy Kuruş Babyly basyp alandan soň, massagetleri özüne boýun egdirmegi ýüregine düwüpdir. Şol döwrüň bilimdar adamlarynyň aýtmaklaryna görä, massagetler san taýdan köp hem batyr halk bolupdyr.

Hazar deňziniň Gündogary, ýagny Günüň dogýan tarapy aňyrsy-bärsi görünmeýän ümmülmez düzlük bolupdyr. Bu örän uly tekiz meýdanyň köp bölegini massagetler eýeläpdir. Kuruş şol ýurda söweş etmäge gitmegiň küýüne düşüpdir. Kuruşy bu ýörişe ugramaga oýaran ençeme sebäpler bolupdyr. Ozaly bilen onuň özüni adaty adamlardan üýtgeşik hem artykmaç doglan diýip gedem pikir etmegi bolupdyr. Galyberse-de, ähli söweşlerde bagty getirip, ýeňiş gazanmagy-da oňa meçew beripdir. Şonuň ýaly-da ol zamanda Kuruşyň söweş eden halklarynyň hiç biri-de onuň diýeninden çykyp bilmändirler.

Massagetleriň patyşasy merhum äriniň ornuna galan aýal bolupdyr. Ol Tumar diýlip atlandyrylypdyr. Kuruş toý tutmak hem ony özüne aýal edinip almak maksadynyň bardygyny habar bermek üçin, oňa ilçi ýollapdyr. Ýöne Tumar Kuruşyň gara gaýgysynyň toý hem öýlenmek däl-de, massagetlere hökümdar bolmak meýlini göz öňünde tutýandygyny aňyp, onuň teklibini kabul etmeýär. Mekirlik bilen maksadyna ýetip bilmejegine göz ýetiren Kuruş massagetlere garşy açyk uruş yglan edipdir. Şa öz goşunlaryny geçirmek üçin Oksuň (Uzboýuň, Amyderýanyň) üstünden gämilerden gurnalan köprini hem-de olaryň ýokarsynda minara gurmagy höküm edipdir.

Haçanda Kuruşyň goşunlary bu işe meşgullanyp ýören wagtlary Tumar oňa ýüzlenip, şeýle sözleri aýdypdyr:

– Midiýanyň şasy! Öz bet päliňden gaýt! Bu köpriniň saňa peýda getirjegini-getirmejegini sen öňünden bilip bilmersiň ahyryn. Bu

işiňi goý-da, öz ýurduňdaky häkimligiňi ýörediber. Biziň üstümizden hökümdarlygyňy ýörederin diýip pikirem edip oturma. Ýöne sen, elbetde, bu maslahata gulak asman, parahatçylygy saklamagy islemän, öz göwnüňe gelenini etmekçi bolýansyň. Eger-de sen çynyň bilen massagetleriň üstüne çozuş etmek isleýän bolsaň, onda derýanyň üstünden köpri gurmak işiňi togtat. Biziň ýurdumyza tarap arkaýyn geçiber, biz derýadan üç günlük aralykdaky daşlyga yza çekileris. Eger-de sen bizi öz ýurduňa tarap goýbermegi oňaýly görýän bolsaň, ony-da edip bilersiň.

Şondan soňra Kuruş pars kethudalaryny öz ýanyna maslahata çagyrypdyr hem-de olara ýagdaýy düşündirip, özüniň nähili hereket etse gowy boljakdygyny sorapdyr. Hemmeler biragyzdan Tumary öz ýurtlaryna goýberip, olary gazaply garşy almaga taýýarlyk görmeli diýen karara gelipdirler.

Emma maslahata gatnaşanlardan midiýaly Krez bu gelnen netijäni makullamandyr. Ol gelnen netijä özüniň garşydygyny şeýle beýan edipdir:

– Patyşa! Men öňem seniň öýüňe howp saljak ähli bela-beterlerden seni halas etjekdigim barada söz beripdim. Şeýle azaplara döz gelmegi maňa ylym öwretdi. Eger-de sen özüňi ölmez-ýitmez hem-de ýeňilmez goşunyň baştutany hasaplaýan bolsaň, meniň pikirimçe, ol pikiriň düýbünden ýalňyş. Eger-de sen özüňi adaty adam hasaplap, müdimi bolmadyk adamlaryň üstünden şalyk ýöredýändigiňi ykrar edýän bolsaň, onda öňi bilen şuny ýatda sakla: adamzat ýaşaýşy hemişe öwrülip hem üýtgäp dur, ol şol bir adamyň hemişe bagtly bolup ýörmegine ýol bermeýär. Ine, şonuň üçinem, men bu işde seniň maslahatçylaryňa garşy bolan pikirde durýaryn. Eger-de sen duşmany öz tarapyňa goýberäýseň, onda biziň üstümize şeýle howp abanýar: haçanda sen ýeňlişe sezewar bolaýsaň, sen bütin döwleti heläkçilige sezewar edersiň. Massagetler seniň üstüňi basyp geçenden soň, ýene öz taraplaryna gitmejekdikleri, seniň mülküňe süsňäp girjekdikleri öz-özünden düşnükli ahyryn. Eger-de sen massagetleri ýeňip, üstünlik gazanaýan ýagdaýyňda saňa bosgunlary yzarlamak amatly bolar diýip pikir edýärin. Men seniň hem olaryň şondaky bol-

jak artykmaçlyklaryňy deňeşdiresim gelýär: duşmany derbi-dagyn edeniňden soň, sen Tumaryň mülküne göni süsňäp girip bilersiň. Galyberse-de, oňa öz ýurduňa girmäge hem basyp almaga ýol berseň, aýala boýun bolmak Kuruşa, ogly Kambise örän utanç hem örän çydamsyz agyr ýagdaý bolar. Ine, şonuň üçin hem, meniň pikirimçe, bize derýadan geçmek, soňra bolsa duşman näçe yza çekilse, şoňa görä ýurduň içine çuňňur aralaşmagymyz gerek. Şeýdibem, biz olardan üstün çykmagyň gamyny iýmeli. Meniň bilşime görä, massagetler parslaryň ýaşaýyş ýagdaýynyň bolçulygyndan hem olaryň datly tagamlarynyň lezzetini dadyp görmeden düýbünden bihabar bolmaly. Şonuň üçinem biziň düşlejek ýerimizde köp goýun soýup, olara süýji naharlary bolelin hödür-kerem etmegimiz gerek. Ondan daşaram kän küýzeleri şerapdan dolduryp goýmaly. Bularyň ählisini taýýarlap, agsak-togsak, hiç derde ýaramaýan esgerleri şol ýerde galdyryp, esasy goşun bilen biz derýa tarap yza çekilmeli. Eger-de men ýalňyşmaýan bolsam, biziň duşmanlarymyz şeýle bolelin naharlara topular hem-de bize uly ýeňiş gazanmaga mümkinçilik dörär.

Maslahata ýygnananlar şeýle pikirler bilen dargapdyrlar. Şunlukda, Kuruş ilkibaşdaky pikirinden ýüz öwrüp, Kreziň beren maslahatyny kabul edipdir. Şa derýadan geçmekleri üçin, öň beren wadasyna görä, Tumaryň yza çekilmegini talap edipdir. Öňki beren wadasynda durup, Tumar öz goşuny bilen Uzboýdan üç günlük yza çekilipdir. Şonda Kuruş ýurdunda özüniň mirasdüşeri edip bellän ogly Kambisi Kreze ynanypdyr. Şa ogluna Krezi sylamalydygyny hem oňa gulak asmalydygyny berk tabşyrypdyr. Kuruş şular ýaly görkezmeler berip, Kambisi hem Krezi Pars ýurduna tarap ugradypdyr, özi bolsa goşunlary bilen derýadan geçip başlapdyr.

Şunlukda, Kuruş öz goşunlary bilen Oks derýasynyň aňyrsyndaky bir günlük ýoly geçipdir hem-de Kreziň beren maslahatlaryny iş ýüzüne geçirmäge başlapdyr. Örän ejiz hem ýarawsyz esgerlerini şol baran ýerlerinde galdyryp, şa özüniň saýlama goşuny bilen ýene Oksa tarap yza çekilipdir.

Şondan soňra massagetleriň üçünji topar goşuny Kuruşyň goýup gaýdan urşujylarynyň üstüne çozupdyr. Erjel garşylyk görkezendik-

lerine garamazdan, olary dargadypdyrlar. Ýeňişden soňra parslaryň düşelgelerinde goýup giden naharlaryny görüp, massagetler toý toýlamaga başlapdyrlar. Şonda olar naharlardan gerk-gäbe doýupdyrlar, içip bilen şeraplaryny içip, agyr uka gidip, ýatyp galypdyrlar. Ondan soňra yza çekilen parslar gaýdyp gelip, duşmanlaryň köp bölegini derbi-dagyn edipdirler, beýleki galan bir bölegini bolsa ýesir alypdyrlar. Şol ýesir alnanlaryň arasynda massagetleriň serkerdesi Tumaryň Spargapis (käbir çeşmede Sparganiz hem diýilýär) atly ogly hem ýesir düşýär.

Zenan patyşa Tumar öz goşunlarynyň hem öz oglunyň başyna düşen agyr ýagdaýy eşidip, şeýle sözler bilen Kuruşa habar ýollapdyr:

– Ganhor Kuruş! Sen özüňiň bu gazananja üstünligiňe baýrynma! Üzüm çybygynyň hasyly bilen siz pähim-paýhasdan mahrum bolýarsyňyz. Haçanda şerap kellä uranda, siz serhoş bolan parslar, gelşiksiz paýyş sözleri ýaňrap başlaýarsyňyz. Ine, şunlukda, hakyky dogruçyllyk hem mert söweş bilen däl-de, şeýle zäheriň hem mekirligiň güýji bilen meniň oglumy ele salypsyňyz. Indi bolsa meniň döwletli maslahatyma gulak as, oglumy gaýdyp ber hem-de gowuluk, sag-salamatlyk bilen biziň topragymyzdan git. Massaget goşunlarynyň üçünji toparyny bihaýalyk bilen gyranyň hem saňa ýeterlik. Eger-de sen şeýle etmeseň, massagetleriň beýik Taňrysynyň Günüň adyndan ant içýärin, hernäçe doýmaz-dolmaz hem bolsaň, men seni gandan doýraryn.

Emma Kuruş aýdylan sözlere hiç hili ünsem bermändir. Zenan patyşa Tumaryň ogly Spargapis kellesinden serhoşlyk aýrylandan soňra, özüniň heläkçilik ýagdaýyna uçrandygyny bilip galypdyr. Kuruşdan özüniň halas edilmegini sorapdyr. Kuruş oňa eglişik etmändir. Tumar patyşanyň ogluna diňe öz eli bilen özüni halas etmek galypdyr. Şeýdibem ol dünýäden ötüpdir.

Tumar beren maslahatyna Kuruşyň gulak asmaýandygyny bilip, özüniň ähli goşuny bilen parslaryň üstüne hüjüm edipdir.

Gerodot kitabynyň dowamynda şol söweş barada şeýle teswirleme beripdir:

«Men bu söweşi sähraýylaryň öz aralaryndaky uruşlaryň iň aýylganjy bolandyr diýip pikir edýärin. Onuň bolup geçişi barada, takmynan, şeýleräk zatlary bilip bildim.

Habar berişlerine görä, başda iki tarap hem uzak aralykda biri-biriniň garşysynda durup, ýaýdan ok atyşypdyrlar. Peýkamlary gutarandan soňra, olar pyçakly hem naýzaly garpyşypdyrlar. Hiç tarap yza çekilmek islemändir. Ahyry massagetler üstün çykypdyrlar. Pars goşunlarynyň ählisi diýen ýaly söweş meýdanynda serlipdir. Kuruşyň özi hem ölüpdir. Ol doly 29 ýyl şalyk sürüpdir.

Tumar şerap guýulýan tulumy gandan doldurypdyr hem-de ondan soňra wepat bolanlaryň arasyndan Kuruşyň maslygyny gözläp başlapdyr. Haçanda Kuruşyň maslygyny tapanlarynda, onuň kellesini tuluma salmagy tabşyrypdyr. Soňra merhumy masgaralap, ony näletläp şeýle diýipdir:

– Men diri galan hem bolsam, söweşde senden üstün çykan hem bolsam, sen mekirlik bilen meni oglumdan aýra salyp, barybir köýdürdiň. Şonuň üçinem indi men gahar-gazap bilen seni gandan doýurýaryn.

Kuruşyň ölümi baradaky maňa belli bolan hekaýatlaryň arasynda bu örän ygtybarlysy bolsa gerek».

## PÄHIM-PAÝHASY, PARAHATÇYLYGY ÜNDEÝÄN ESER

Beýleki gadymy oguz dessanlary ýaly «Şu» atly dessan hem öz asyl durkuny saklap bilmändir. Ençeme müňýyllyklaryň agyr synaglaryna döz gelip bilmän, ol artdyrylmalardyr gysgaltmalara, many-mazmunynyň özgerdilmelerine, beýan ediş tärleriniň täzelenmelerine duçar bolupdyr Galyberse-de, soňky iki müňýyllykda «Gorkut ata», «Görogly» ýaly ýokary çeperçilik bilen beýan edilen eposlarda oňa täsirini ýetiripdir Jemagat täze kämil dessanlara kän ýykgyn edip, irki oguznamalaryň belli-belli temalaryny, gahrymanlaryň şekilini olardan tapyp bilipdir. Her halda, halk gadym türkmen «Oguznamalaryny» bütinleý unudaýmandyr. Olaryň many-mazmunlarynyň bellibir böleklerini, olarda hereket edýän gahrymanlaryň has tapawutlanýanlarynyň, göwünlerinden turýanlarynyň keşbini hakydalarynda berk saklapdyrlar. Bu ýagdaýy «Şu» dessanynda-da görmek bolýar.

«Şu» dessanynyň gysgaça mazmuny Mahmyt Kaşgarlynyň belli diwany «Lugat it türk» atly sözlügi arkaly bize gelip ýetipdir. Eserde wakalaryň beýan edilen döwründe ýaşap geçen oguz hanynyň hem-de onuň gurduran galasynyň ady bilen baglylykda, dessana «Şu» diýlip at goýlupdyr. Bu adyň asyl köküniň haýsy sözdendigi, nähili many aňladýandygy belli däl. Onuň «suw» sözi ýa-da haýsydyr başga bir söz bilen bagly bolmagy-da mümkin

Bu özboluşly dessana Isgender Zülkarneýniň (Aleksandr Makedonskiniň) gatnaşýandygyndan, onuň Gündogara eden ýörişinde ýolunyň türkmen topragynyň üstünden geçendiginden çen tutulsa, onda ol miladydan öňki dördünji ýüzýyllyga degişli bolýar. Ýöne belli-belli alymlaryň pikirine görä, onda beýan edilýän taryhy wakalar ondan has irki ýüzýyllyklara degişli bolup durýar.

Oguz dessanlarynyň köpüsinde bolşy ýaly, bu eserde-de Şu atly han ýurdunyň parahatlygy, halkynyň bitewi, asuda, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alada edipdir. Şonda ol dana pähim-paýhaslardan ugur alypdyr. Elinde şeýle köp hem güýçli goşun bar mahaly hem, ol duşman bilen garpyşmandyr. Türkmen halkynyň «Ýagydan ýaý boýy daş dur» diýen öwüt-nesihatyndan ugur alypdyr. Şonuň üçin hem türkmen dessanlarynyň köpüsiniň gahrymanlary bir elinde gylyç, bir elinde dutar göterýär. Şeýle ýagdaýda Şu han duşmana gaýtawul bermäge mejbur bolupdyr.

Söweş dowam edip duran wagty bolup geçen bir waka dessanda aýratyn üns berlipdir. Duşmanyň bir esgeri wepat bolan mahaly, onuň söweşlerde harsydünýälik bilen toplan hem-de guşak görnüşinde biline daňan altyn pullary urlan gylyjyň zarbyna pytrap ýere dökülýär--de, öz ganyna boýalýar. Ondan soň ol pullar kime gerek? Geçmişde türkmen hiç wagt kesekiniň malyna göz gyzdyrmandyr ýa-da ejize ganymlyk edip, onuň elinden zadyny basyp almandyr. Harsydünýä bolmandyr. Dessanda bu pikir örän ýerlikli hem çeper beýan edilipdir. Türkmeniň bu asylly häsiýeti onuň ruhy dünýäsini bezeýär.

Eserde beýan edilýän wakalaryň dowamynda üstüne agyr goşun çekip gelen Isgender Zülkarneýn bilen Şu han ýaraşyk baglaşýar. Ata-babalarymyz Isgender Zülkarneýni adyl şa hasaplapdyrlar. Şeýle bolansoň, olaryň ikisem ýaraşyk baglaşmak baradaky pikire gulak asýarlar. Şeýlelikde, bu ýerde dana pähim-paýhas, parahatlyk dabaralanýar. Şondan soňra Şu hanyň ýurdy has-da kuwwatlanýar, täze-täze şäherdir obalar döreýär, ylym-bilim ösýär. Hatda şol zamanda şeýle bir üýtgeşik tilsim oýlanyp tapylýar. Ol tilsim täsir edende, şäheriň üstünden guş hem uçup geçip bilmeýär Elbetde, geçmişde türkmen halkynyň dünýä ylmyna, medeniýetine goşan gymmatly goşantlary az bolmandyr. Türkmenleriň ençeme müňýyllyklaryň dowamynda ilkinjileriň biri bolup, magdan eredendigi, arabany oýlap tapandygy, dünýäde şöhratlanan medeni merkezleri gurandygy, dünýä meşhur ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirendigi, nepis halylary dokandygy we

beýleki ajaýyp işleriň hötdesinden gelip bilendigi barada gymmatly maglumatlar bar. Edil «Ergenokon» dessanynda bolşy ýaly, «Şu» dessanynda-da türkmenleriň haýsydyr bir ylmy açyşy edendigi barada habar berilýär.

Dessanda şäher ýaşaýşy hakyndaky pikiriň orta atylmagy üns berilmeli meseleleriň biri bolup durýar Türkmen topragynda ylym hem medeni merkezler hasaplanan Änew, Jeýtun, Altyndepe, Marguş, Mary, Nusaý, Ürgenç ýaly ençeme şäherler bolupdyr. Marguşyň ýaşy bäş müň ýyl hasaplanýar. Ol dünýäde bäşinji medeni merkez diýlip ykrar edildi. Eger şeýle bolsa, onda dessanda Oguz hanyň täze-täze şäherler guran döwri Isgender Zülkarneýnden has irki zamanda bolmaly.

«Şu» dessanynda türkmen sözüniň ýüze çykyşy barada-da maglumat berlipdir. Elbetde, bu türkmen sözüniň döreýşi baradaky maglumatlaryň biri bolup, ondan başga çeşmelerde-de ençeme garaýyşlar orta atylýar. Ol hakda düýpli ylmy-derňew işini alyp barmak, «türkmen» diýen sözüň haçan ýüze çykandygyny, näme many aňladýandygyny anyklamak geljekde çözülmeli meseleleriň biri bolup durýar. «Şu» dessanynda bolsa ol hakda şeýle maglumat berlipdir:

«Isgender gelip, uzyn saçly ýigrimi iki kişini görende, «Türk manend – türke meňzeş» diýipdir Şondan soňra şol ýigrimi iki kişiden köpelen halkyň ady türkmen bolup galypdyr».

Bu jümleler türkmen halkynyň nesil daragtynyň emele gelşi hakyndaky taryhy çeşmelerden gözbaş alyp gaýdýar Belli bolşuna görä, türkmen halkynyň nesilbaşysy Oguz hanyň Aý han, Gün han, Ýyldyz han, Dag han, Deňiz han, Gök han atly alty ogly bolupdyr. Şolardan hem ýigrimi dört agtygy – ýigrimi dört türkmen taýpasy peýda bolupdyr. Olar barada «Oguznamalarda» giňişleýin maglumatlar berilýär. «Şu» dessanynda hem ol barada pikir ýöredilmegi, eseriň binýadynyň has gadymy döwürde tutulandygyny görkezýär. Bar bolan maglumatlara görä, eseriň esasy gahrymany miladydan öňki IV asyrda ýaşap geçipdir.

«Şu» dessanyny gadymyýetden habar berýän, beýleki «Oguznamalardyr» oguz dessanlary bilen özara utgaşyp gidýän, pähim-paýhasy, parahatçylygy ündeýän özboluşly çeper eser hasaplamak bolar. Geçmişimizi düýpli öwrenmekde hem-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe watansöýer nesli döwrebap, milli ruhda terbiýelemekde bu eseri gymmatly hazyna hasaplamak bolar.

## «ŞU» DESSANY

Balasagunyň golaýyndaky Şu galasy şol ýurda hökümdarlyk eden Şu atly bir ýaş han tarapyndan gurlupdy. Ýöne hanyň köşgi Balasagunda ýerleşýärdi. Bu galada we Balasagunda ol zamanyň iň güýçli hem iň uly goşuny bardy. Şäher örän baýdy. Adatça, her gün Şu hanyň köşgüniň öňünde 365 garawul nyzama durardy.

Bu döwürde Zülkarneýn adyny alan Makedoniýanyň belli şasy Isgender Gündogara ýörişe çykypdy. Ol Alynky Aziýadan göni Eýranyň jümmüşine aralaşyp, her ýerde öňünden goşun çyksa ýeňip, olaryň ýurduny basyp almak bilen meşguldy. Isgender Samarkanda ýakynlaşýar. Ol ýerdenem ötüp, göni türkleriň ýurduna golaýlapdyr.

Isgenderiň Balasaguna hem Şu galasyna örän ýakynlap gelendigini ýaş Şu hanyň gözegçileri gelip oňa habar beripdirler hem-de:

– Günbatardan bosup gelen Isgender diýilýän şanyň goşuny bize golaýlap geldi. Öňünden çykan ýurtlary basyp alypdyr. Bize nähili buýruk berýärsiňiz? Söweşmelimi? – diýipdirler.

Ýaş han goşun habarçylaryny diňlemeýän ýaly görünýärdi. Çünki birnäçe wagt ondan öň iň gowy görýän ýigitlerinden kyrk kişini saýlap alyp, Hojant derýasynyň kenarlaryna gözegçilik etsinler diýip iberendigini goşun habarçylary bilmeýärdi. Getiren habarlaryny eşidip, hanlarynyň biynjalyk bolup, ýerinden turman, gymyldaman oturanyny görüp, olar aljyradylar. Hanyň bolsa dünýäsi parahatdy.

Şu hanyň bir howzy bardy. Ol sap kümüşdendi. Ony bu işden gowy başy çykýan ussalar ýasapdy. Ony ähli ýere äkidip boljakdy. Şonuň üçin han hem bir ýere sapara gitse, kümüş howzyny-da ýany bilen äkiderdi. Düşlän ýerlerinde onuň içini suwdan dolduryp, gazlary hem ördekleri suwdan doly kümüş howza goýbererdi hem-de olara güýmenerdi, oýlanardy. Gazlaryň we ördekleriň kümüş howuzda

ýüzüşlerini synlamak hany diňşirgendirýärdi. Ol böwrüne diň salan mahaly, öz halkynyň geljegi barada edilmeli aladalary hasaba alýardy.

Habarçylar gelen mahalynda, ol ýene kümüş howuzda ýüzüp ýören ördekdir gazlary synlap pikirlenýärdi. Habarçylar:

– Nähili buýruk berýärsiňiz? Isgender bilen söweşmelimi? – diýip soranlarynda, haýsydyr bir buýruk bermegiň deregine, olara howzy hem-de howuzda ýüzüp ýören gazlar bilen ördekleri görkezipdir. Biraz oýlanyp:

– Nähili görýarsiňiz? Gazlar bilen ördekler suwda, gör, nähili enaýy ýüzýärler? Görüň, neneňsi suwa çümüp-çümüp çykýarlar! – diýipdir.

Habarçylar hanlarynyň bu sözlerine geňirgenipdirler hem-de oňa şübheli garapdyrlar: «Her halda häzirlikçe hanymyzyň hiç bir taýýarlygy ýok, ol näme etjegini bilmeýäne meňzeýär» diýip oýlanypdyrlar.

Emma ol wagt Isgender Hojant derýasyndan ötüpdi.

Wagt gijäniň ýarymyna golaýlapdy. Hojant derýasynyň kenaryndaky ýaş hanyň gözegçilik edýän ynamdar kyrk ýigidi ýyldyrym çaltlygynda «Şu» galasyna gelipdirler hem-de gijäniň içinde Isgenderiň Hojant suwundan ötüp, Balasaguna tarap ýakynlap gelýändigini galadakylara habar beripdirler.

Öňki habarçylaryň aýdanlaryny diňlände, endamyndaky ýeke tüýi hem gymyldamadyk Şu han ýigitleriniň sözlerini eşidenden, derhal aýak üstüne galypdyr hem-de gijäniň ýarymynda göç dowlunyň kakylmagyny emr edipdir. Dowluň kakylmagy bilen, haýdan-haý göni Gündogara tarap ýola düşüpdirler.

Bu ýagdaý halky aljyraňňylyga salypdyr. Hanyň gündiziň güni hiç hili duýdurmazdan hem-de taýýarlyk görmezden, bular ýaly gijäniň içinde göçhä-göçlüge başlamagyndan olar gorkupdyrlar. Ellerine näme gabat gelse ýygnaşdyryp, tapan atlaryna atlanan halk han bilen ýola düşüpdir. Ir säherde hiç kim galmandyr, ol boşap galan meýdana meňzäpdir.

Ähli halkyň Şu hanyň yzyna düşüp gidendigine garamazdan, gijäniň içinde münmäge hiç bir ulagy bolmadyk ýa-da alara hiç bir

zady bolmadyk ýigrimi iki kişi näme etjegini bilmän, Şu galasynda galypdyr.

Şol ýigrimi iki kişi näme etjeklerini bilmän durkalar, olaryň ýanlaryna ýene iki kişi gelipdir. Bu iki kişi-de pyýadady. Olar gap-gaçlaryny toplap, arkalaryna alyp gelipdirler. Ýorgundylar. Ýöne olar bu ýerde durjaga meňzemeýärdiler. Öňki ýigrim iki kişi ol gelenlerden hiç bir ýere gitmezliklerini, özleri ýaly şol ýerde galmaklaryny haýyş edipdirler. Şeýle hem:

– Isgender diýilýän kim bolanda-da, bu ýerde uzak wagtlap durmaz, gelşi ýaly yzyna gaýdyp gider. Bu ýerler biziň ýurdumyz, ýene bize galmalydyr – diýip, öz aýdanlaryny berkidipdirler.

Şu ýagdaýda bu iki kişiniň ady Kalaç (Gal aç) bolup galypdyr. Ol iki kişiden bolan çagalar hem olaryň agtyklary-da Halajy ady bilen tanalypdyr. Ýöne bu iki kişi şol ýigrimi iki kişiniň sözüni diňlemändikleri hem-de ol ýerde galman gidendikleri üçin, Isgenderiň gelenini görmändirler.

Isgender gelip, uzyn saçly ýigrimi iki kişini görende: «Türk manend- türke meňzeş» diýipdir. Şondan soňra ýigrimi iki kişiniň halkynyň ady türkmen bolup galypdyr. Iki kişi galman gideni üçin olar doly türkmen saýylmandyr. Ýigrimi dört taýpadan ýigrimi ikisi türkmen, galan ikisi Halaç diýlip tanalypdyr.

Bu wakalar bolup duran wagtynda, başga ýanda Şu han goşuny hem-de ýanynda gidenler bilen birlikde Çin serhedine tarap ýöräpdirler. Çine golaý Uýgur iline baranlarynda, Şu Isgenderi aňryýany bilen garşylap biljek ýagdaýa eýe bolandygyny, ýagny ony özüniň asyl ýurdunyň merkezinden uzaklara äkidip, özüniň bolsa arkadaşlarynyň arasynda bolandygy üçin Isgenderden örän kuwwatly ýagdaýa eýe bolandygyny duýupdyr. Şonuň üçin birtopar esgerlerini alyp galyp, iň ýaşlaryny saýlap, Isgenderiň üstüne ýollapdyr. Weziri ol gidýänleriň ählisiniň ýaşdygyny, tejribesiniň ýokdugyny ýatladypdyr. Olar iş başarmasalar, soňunyň erbetlik bilen gutarmagynyň mümkindigini duýdurypdyr. Şu han weziriň aýdanlaryny makullapdyr hem-de ýaşy durugyşan, tejribeli bir emeldaryny esgerleriniň ýany bilen iberipdir.

Olar biraz wagtdan soňra Isgenderiň iberen ýolbaşçy goşunlary bilen garşylaşypdyrlar. Türk ýigitleri Isgenderiň ýolbaşçy goşunlarynyň üstüne bütin gije hüjüm edipdirler. Ol örän aýgytly hüjüm bolupdyr. Şonda olar öz öňlerinde ölmelimi ýa galmalymy diýen meseläni goýupdyrlar. Türk esgerleriniň biri Isgenderiň esgerleriniň birine gylyç uranda, ol ikä bölünipdir. Esgeriň kemerine baglanan altyndan doly guşagy böwsülip, onuň içindäki altynlar ýere dökülipdir. Ertesi säher güneşiniň şöhlesi şol altynlary lowurdadypdyr. Ony gören türk esgerleri biri-birine seredişip: «Altyngan! Altyngan!» diýip gygyryşypdyrlar. Şol günden bäri, ol söweşiň bolan ýerindäki dagyň ady «Altyn han» dagy bolupdyr hem-de ol şeýle at bilen adygyp gelipdir.

Bu söweşden soňra Şu han bilen Isgender bir saparam uruşmandyrlar, ýaraşyk baglaşypdyrlar. Ýaraşygyň soňy iki tarap üçin-de peýdaly bolupdyr. Biri-biriniň yzyndan şäherler gurlupdyr. Uýgurlar hem-de şol wagtdaky türk kowumlary şäherlere ýerleşipdirler. Şu hany-da Balasaguna gaýdyp gelipdir. Şu galasyny ösdüripdir hem-de şäher kaddyna ýetiripdir. Bularyň ählisi amala aşyrylandan soňra, şäherde bir tilsim döredilipdir. Ol tilsim şeýle bir tilsim bolup, şäheriň ähli ýerine öz täsirini ýetiripdir hem-de anyk duýlupdyr. Leglekler bu şähere gelip ýetenlerinde, ol tilsimiň täsirini duýup saklanypdyrlar hem-de öňe gidip, şäheriň üstünden ötüp bilmändirler.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

*Abulgazy*. Şejerei Teräkime. Aşgabat. «Ylym» neşirýaty, 1992.

*Ataýew K.* «Oguz han» dessany. «Garagum» žurnaly, Aşgabat, 2011 № 2.

*Ataýew K.* Ergenekon. «Garagum» žurnaly, Aşgabat, 2011. № 7.

*Ataýew K.*Tumar patyşa. «Garagum» žurnaly, Aşgabat, 2012. № 6.

*Ataýew K.*Alp Är Töňňe. «Garagum» žurnaly, Aşgabat, 2012. № 7.

*Faruk Sümer*. Oguzlar (Türkmenler). Istanbul. Türk dünýäsi araştyrmalari wakfi, 1992.

*Fazlallah Raşidaddin*. Oguznama. Baku, 1987.

*Korogly H.* Oguzskiý geroiçeskiý epos. Moskwa; Nauka, 1976.

Oguznama*. TMGI*, Aşgabat. 2001.

*Rejebow R.* Gadym türkmen edebiýaty. «Ylym» neşirýaty. Aşgabat, 1991.

# MAZMUNY

Sözbaşy ........................................................................................ 7
Türkmeniň nesilbaşysy ..................................................................... 10
«Oguz han» dessany .......................................................................... 13
Gadymyýetden habar berýän dessan..................................................... 24
«Ergenekon» dessany......................................................................... 28
Gurt ýüzi mübärek ............................................................................ 32
«Bozgurt» dessany............................................................................. 35
Türkmeniň gadymy dessany ................................................................ 38
«Alp Är Töňňe» dessany .................................................................... 47
Tumaryň gahrymançylygy ................................................................... 50
«Tumarşa» dessany............................................................................. 55
Pähim-paýhasy, parahatçylygy
ündeýän eser....................................................................................... 60
«Şu» dessany...................................................................................... 64
Peýdalanylan edebiýatlar .................................................................... 68

**Kakajan Ataýew**

# OGUZ DESSANLARY

Orta we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *B.Orazdurdyýewa* |
| Surat redaktory | *G.Orazmyradow* |
| Teh.redaktor | *O.Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Mämmetjumaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 2013. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi  Şertli-reňkli ottiski    Hasap-neşir listi
Çap listi    Sargyt № 1128.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.